Tertipnama girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň nobatdaky Konferensiýasynyň karary bilen tassyklanyldy

Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň

Tertipnamasy

Aşgabat 2024 ý.

Adalgalaryň düşündirmesi

Aşakdaky düşünjeler şulary aňladýar:

TFF: Türkmenistanyň Futbol federasiýasy

AFK: Aziýa Futbol Konfederasiýasy

FIFA: Futbol Assosiasiýasilarynyň Halkara Federasiýasy

Federasiýa/Assosiýasiýa: FIFA we degişli konfederasiýa tarapyndan ykrar edilen futbol federasiýasy/assosiasiýasy. Mazmun boýunça başga manysy bolmasa, onda FIFA-nyň agzasy bolup durýar.

Liga: TFF-nyň garamagyndaky gurama.

Sebit federasiýasy/assosiýasiýasy: TFF-nyň garamagyndaky gurama.

Konfederasiýa: şol bir kontinente (ýa-da deňeşdirilýän geografiki sebite) degişli we FIFA tarapyndan ykrar edilen assosiasiýalaryň topary.

Klub: Federasiýanyň agzasy (FIFA-nyň we degişli konfederasiýanyň agzasy bolýan) ýa-da ýaryşda iň azyndan bir topary girdirýän TFF tarapyndan ykrar edilen liganyň agzasy.

Wezipeli adam: islendik geňeşiň agzasy (şol sanda Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary), komitetiň agzasy, emin we eminiň kömekçisi, tälimçi, we FIFA-da tehniki, lukmançylyk we administratiw meseleler boýunça jogapkär bolan islendik başga şahs, konfederasiýa, assosiasiýa, liga ýa-da klub, şeýle hem FIFA-nyň Tertipnamasyny ýerine ýetirmäge borçly bolan islendik başga şahslar (oýunçylardan we araçylardan başga).

Oýunçy: TFF tarapyndan hasaba alynan futbol oýunçysy.

Konferensiýa: TFF-nyň ýokary we kada kabul ediji guramasy.

Ýerine ýetiriji komitet: strategiki we gözegçilik guramasy.

Agza: Konferensiýa tarapyndan TFF-nyň agzalygyna kabul edilen ýuridiki şahs.

Wekil: Konferensiýada agza hakykatdan wekilçilik edýän şahsy tarap.

Assosiasiýa futboly: FIFA tarapyndan gözegçilik edilýän we Oýuň kadalaryna laýyklykdaky FIFA, konfederasiýalar we/ýa-da assosiasiýalar tarapyndan gurnalan oýun.

Oýun kadalary: FIFA-nyň Tertipnamasynyň degişli düzgünlerine laýyklykda HFAM tarapyndan çykarylan Assosiasiýa futbolynyň kadalary.

HFAM: Halkara Futbol Assosiasiýasynyň müdiriýeti.

Adaty kazyýetler: jemgyýetçilik we hususy hukuk jedelleri bilen meşgullanýan döwlet kazyýetleri.

Arbitraž (araçy) tribunal: adaty kazyýetiň ýerine hereket edýän garaşsyz we degişlilikde döredilen döwlete garaşly bolmadyk kazyýet.

SAK: Lozanna (Şweýsariýa) şäherinde ýerleşýän Sport arbitraž kazyýeti.

Şahsy taraplara degişli adalgalar iki jynsy hem öz içine alýar. Birlik sandaky islendik adalga köplük sana degişlidir we tersine.

I. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda. Hukuk görnüşi, merkezi edarasy we nyşany

1.1. TFF Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen birleşme häsiýetli jemgyýetçilik guramadyr. TFF kesgitlenmedik möhlet bilen (möhletsiz) döredilen.

1.2. TFF-nyň merkezi edarasy şu şalgy boýunça ýerleşýär: Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Ýylgaý Durdyýew köçesi, 92-nji jaý.

1.3. TFF FIFA-nyň, AFK-nyň we MAFA-nyň agzasy bolup duryar.

1.4. TFF-nyň baýdagy, nyşany we logotipy şu Tertipnamanyň 2-nji goşundysynda beýan edilýär.

1.5. TFF-nyň ady:

türkmen dilinde - "Türkmenistanyň Futbol federasiýasy";

iňlis dilinde - "Football Federation of Turkmenistan";

rus dilinde - "Федерация футбола Туркменистана".

1.6. Türkmenistanyň Futbol federasiýasy üçin şu gysgaltma ulanylýar:

türkmen dilinde - TFF;

iňlis dilinde - TFF;

rus dilinde - ТФФ.

1.7. Baýdagy, nyşany, logotipy we gysgaltmasy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçilik boýunça döwlet gullugynda hasaba alnýar.

2-nji madda. Maksatlary

2.1. TFF-nyň öňünde goýýan esasy wezipeleri we maksatlary:

a) futbol oýnuny yzygiderli gowulandyrmak we ony adalatly oýun we jebisleşdiriji, bilim, medeni we ynsanperwerlik gymmatlyklary, esasan hem ýaşlar we ösüş maksatnamalary arkaly Türkmenistanyň ähli künjeklerinde ýaýratmak we ösdürmek, düzgünleşdirmek we gözegçilikde saklamak;

b) milli derejede assosiasiýa futboly, futzaly we kenarýaka futboly boýunça ýaryşlary gurnamak, zerur bolan ýagdaýynda özüniň düzümindäki dürli ligalaryna berilýän ygtyýarlyk çäklerini takyk kesgitlemek;

ç) düzgünnamalary we düzgünleri işläp düzmek we olaryň ýerine ýetirilmegini berjaý etmek;

d) öz agzalarynyň bähbitlerini goramak;

e) FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasyna, düzgünnamalaryna, görkezmelerine, kararlaryna, şeýle hem Oýun kadalaryna hormat goýmak we olaryň bozulmalarynyň öňüni almak we öz agzalary tarapyndan agzalanlara hormat goýulmagyny üpjün etmek;

ä) jynsa we ýaşa garamazdan, TFF-nyň çäginde gatnaşmak isleýänleriň hemmesi üçin futbol oýnunyň elýeterli bolmagyny üpjün etmek;

f) parahorlyk, doping ýa-da oýun manipulýasiýasy ýaly hereketler, oýunlaryň, ýaryşlaryň, oýunçylaryň, wezipeli adamlaryň we agzalaryň bitewiligine howp salýan ýa-da assosiasiýa futbolyna, futzala we kenarýaka futbola garşy bolan hyýanatçylyga sebäp bolup biljek ähli usullaryň ýa-da amallaryň öňüni almak maksady bilen bitewiligi, ahlaklylygy we adalatly oýny öňe sürmek;

h) milli derejede gowy dolandyryş ýörelgelerini we tejribelerini öňe sürmek we berkitmek, agzalaryny özleriniň gowy dolandyryş ýörelgelerini kabul etmäge höweslendirmek;

i) zenanlaryň futbolynyň ösmegine we futbol dolandyryşynyň ähli derejelerinde zenanlaryň doly gatnaşmagyna goldaw bermek;

j) Türkmenistanyň çäginde oýnalan ähli görnüşdäki ýoldaşlyk futbol oýunlaryna gözegçilik etmek we gözegcilik astynda saklamak;

ž)FIFA-nyň we konfederasiýalaryň degişli Tertipnamasyna we düzgünnamalaryna laýyklykda milli derejede assosiasiýa futbolyna, futzalyna we kenarýaka futbolyna gözegçilik etmek we gözegcilik astynda saklamak, Türkmenistanyň çäginde oýnalýan halkara futbol oýunlarynyň ähli görnüşlerine gözegçilik etmek we gözegcilik astynda saklamak;

k) assosiasiýa futboly, futzal we kenarýaka futboly bilen baglanyşykly halkara sport hyzmatdaşlygyny dolandyrmak we beýleki Assosiasiýalar bilen, AFK we FIFA bilen gowy hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklamak;

l) halkara we beýleki derejelerinde ýaryşlary geçirmek.

3-nji madda. Adam hukuklary

3.1. TFF halkara derejesinde ykrar edilen adam hukuklarynyň ählisine hormat goýmaga borçlanýar we agzalan hukuklaryň goralmagynyň öňe sürülmegi üçin ähli tagallalary bermelidir.

4-nji madda. Hukuklary kemsitmäge ýol bermezlik we deňlik

4.1. Rasasyna, teniniň reňki, etniki, milli ýa-da jemgyýetçilik gelip çykyşy, jyns, maýyplyk, dil, din, syýasy pikir ýa-da başga bir pikir sebäpli, maddy hal-ýagdaý, dogluş ýa-da başga bir ýagdaý, ýa-da başga bir sebäbe görä degişli bolan islendik görnüşiň hukugynyň kemsidilmegi haýsydyr bir ýurda, şahsy adama ýa-da adamlar toparyna garşy düýbünden gadagan edilýär we togtatmak ýa-da çykarmak ýa-da beýleki düzgün-tertip çäreleri ulanylýar.

5-nji madda. Bitaraplyk we guramaçylyk garaşsyzlygy

5.1. TFF syýasy we din babatynda bitarap bolup duryandyr.

5.2. TFF-nyň agzalary syýasy we din babatynda bitarap bolmalydyrlar we öz

agzalarynyň bu meselede bitarap bolmaklaryny üpjün etmelidirler.

5.3. TFF garaşsyz bolmalydyr we islendik syýasy garaýyşlardan daşda durmalydyr. TFF öz işini özbaşdak dolandyrmalydyr we öz işlerine üçünji taraplaryň täsir etmezligini üpjün etmelidir.

6-njy madda. Dostlukly gatnaşyklary öňe sürmek

6.1. TFF ynsanperwer maksatlary üçin agzalarynyň, klublarynyň, wezipeli adamlarynyň, oýunçylarynyň we jemgyýetiň arasynda dostlukly gatnaşyklaryny öňe sürmelidir.

6.2. TFF agzalaryň, klublaryň, wezipeli adamlaryň we oýunçylaryň arasynda ýüze çykyp biljek içerki dawany çözmek üçin TFF zerur bolan guramaçylyk serişdelerini üpjün etmelidir.

7-nji madda. Oýunçylar

7.1. Oýunçylaryň ýagdaýy, hasaba alynmagy we geçirilmegi (transfery) baradaky düzgünler, FIFA-nyň oýunçylarynyň ýagdaýy we geçirilmegi (transfery) baradaky düzgünnamasyna laýyklykda Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan çykarylan ýörite düzgünnama bilen düzgünleşdirilmelidir.

8-nji madda. Oýun hakyndaky kadalar

8.1. TFF we onuň agzalarynyň her biri HFAM tarapyndan çykarylan Oýun kadalaryna laýyklykda assosiasiýa futbolyny oýnamalydyrlar. Diňe HFAM Oýun kadalaryny açyk kesgitläp we üýtgedip biler.

8.2. TFF we onuň agzalarynyň her biri FIFA tarapyndan çykarylan Futzalyň oýun kadalaryna laýyklykda futzal oýnamalydyrlar. Diňe FIFA Futzalyň oýun kadalaryny açyk kesgitläp we üýtgedip bilýändir.

8.3. TFF we onuň agzalarynyň her biri FIFA tarapyndan çykarylan Kenarýaka futbolyň oýun kadalaryna laýyklykda kenarýaka futbol oýnamalydyrlar. Diňe FIFA oýnuň Kenarýaka futbol kadalaryny açyk kesgitläp we üýtgedip bilýändir.

9-njy madda. Guramalaryň, wezipeli adamlaryň we başgalaryň özüni alyp barşy

9.1. TFF-nyň ähli guramalary we wezipeli adamlary öz işlerinde FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasyny, düzgünnamalaryny, görkezmelerini, kararlaryny we Ahlak kodeksini berjaý etmelidirler.

9.2. TFF-nyň çäginde assosiasiýa futboly, futzal we kenarýaka futboly boýunça oýuna gatnaşýan her bir şahs we gurama FIFA-nyň, AFK-nyň, TFF-nyň Tertipnamasyny we düzgünnamalaryny we beýleki degişli tertipnamalaryny, şeýle hem adalatly oýnamak, wepalylyk, dogruçyllyk we sport dogruçyllyk ýörelgelerini berjaý etmelidirler.

10-njy madda. Resmi diller

10.1. TFF-nyň resmi dili türkmen dilidir we içerki kadalar (resminamalar) şu dilde ýazylmalydyr. Resminamalar iňlis dilinde hem ýazylyp bilner.
Tekstleri dürli dillerde düşündirmekde haýsydyr çaprazlyklar ýüze çykan halatynda türkmen dilinde ýazylan tekst esasy resmi hökmünde seredilmelidir.

10.2. TFF-nyň Konferensiýasynda resmi dil hökmünde türkmen dili bolmalydyr.

II. AGZALYK

11-nji madda. Agzalygyna kabul edilmegi, togtadylmagy we çykarylmagy

11.1. Konferensiýa agzany kabul etmek, togtatmak we agzalykdan çykarmak hakyndaky meseläni çözýär.

11.2. Arza beriji şu Tertipnama laýyklykda TFF-nyň talaplaryny berjaý edýän halatynda kabul edilip bilner.

11.3. Agzalyk ýatyrylmagy, öz islegi boýunça agzalykdan çykylmagy ýa-da çykarylmagy bilen ýatyrylýar. Agzalygyň ýitirilmegi, agzany TFF-nyň ýa-da TFF-nyň beýleki agzalarynyň öňündäki maliýe borçnamalaryndan boşatmaýar, emma TFF bilen baglanyşykly ähli hukuklaryndan mahrum bolmagyna getirýär.

12-nji madda. Agzalar

12.1. TFF-nyň agzalary şu aşakdakylar:

a) Türkmenistanyň Ýokary ligasynyň klublary;

b) zenanlaryň arasynda futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynyň klublary;

ç) Türkmenistanyň naýbaşy futzal ligasynyň klublary;

d) Balkan welaýat futbol federasiýasy;

e) Türkmenistanyň Maýyplarynyň merkeziniň bedenterbiýe-sport kluby.

12.2. TFF her agza barada aşakdaky maglumatlary öz içine alýan sanaw ýöretmelidir:

a) özboluşly şahsyýet belgisi;

b) ýuridik ady;

ç) hukuk görnüşi;

d) maglumaty;

e) ygtyýarly gol çekýänler;

ä) Ýerine ýetirtiji komitetiň karary bilen kesgitlenýän, esasan hem klub ygtyýarnamasyna degişli goşmaça maglumatlar (klubyň gurluşy, şahsyýety, sport netijeleri).

12.3. Ýokarda beýan edilen a, b, ç we d kiçi bentler bilen bagly iň täze maglumatlar TFF-nyň web sahypasynda köpçülige elýeterli bolmalydyr.

12.4. Talap boýunça TFF agzanyň ýagdaýyny ýazmaça tassyklamalydyr.

13-nji madda. Kabul etmek barada

13.1. TFF agzasy bolmak isleýän islendik ýuridik şahs TFF-nyň baş sekretariatyna ýazmaça ýüz tutmalydyr.

13.2. Arza aşakda görkezilen hökmany bolup duryan resminamalar bilen bilelikde berilmelidir:

a) kanuny taýdan esaslandyrylan Tertipnamanyň ýa-da esaslandyryjy resminamalarynyň we zerur ýagdaýda düzgünnamanyň göçürmesi;

b) TFF-nyň, FIFA-nyň we AFK-nyň Tertipnamasyna, düzgünnamalaryna we kararlaryna yzygiderli laýyk geljekdigini we bularyň hem öz agzalary, klublary, wezipeli adamlary we oýunçylary tarapyndan berjaý ediljekdigini üpjün edýän beýannnama;

ç) HFAM tarapyndan açyk kesgitlenen oýun kadalaryna, şeýle-hem FIFA tarapyndan kesgitlenen kenarýaka futbolynyň we futzalynyň oýun kadalaryna laýyk geljekdigini üpjün edýän beýannama;

d) TFF-nyň Tertipnamasyndan, düzgünnamalaryndan, görkezmelerinden we kararlaryndan gelip çykýan ýa-da olar bilen baglanyşykly milli ölçegdäki islendik jedeliň iň soňky ýagdaýda (ýagny, TFF-nyň içindäki ähli içerki serişdeleri (kanallar) ulanylandan soň) diňe SAK-a geçiriljekdigi baradaky beýannama (SAK Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy bilen gadagan edilmedik ýagdaýynda, adaty kazyýeti goşmazdan jedeli anyk çözmelidir);

e) FIFA-nyň ýa-da AFK-nyň Tertipnamasyndan, düzgünnamalaryndan, görkezmelerinden we kararlaryndan gelip çykýan ýa-da olar bilen baglanyşykly halkara ölçegdäki islendik jedeliň FIFA-nyň we AFK-nyň Tertipnamasynda görkezilişi ýaly, diňe soňky ýagdaýda SAK-a iberilip bilinýändigi baradaky beýannama;

ä) FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasynda we kararlarynda beýan edilişi ýaly SAK-yň ýurisdiksiýasyny ykrar edýändigi barada beýannama;

f) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýändigi we bellige alnandygy barada beýannama;

g) arza berijiniň hukuk düzüminiň islendik daşarky guramadan garaşsyz ýagdaýda karar berip biljekdigini kepillendirýändigi barada beýannama;

h) öz guramalarynyň agzalarynyň saýlanmagyň ýa-da bellenmegiň doly garaşsyzlygyny kepillendirýän tertibiň esasynda saýlanandygy ýa-da bellenendigi barada beýannama;

i) üçünji taraplar bilen kanuny taýdan hökmany şertnamalary baglaşmaga hukugy bolup, gol çekmäge ýgtyýarlygy bolan wezipeli adamlary görkezýän sanawy;

j) soňky konferensiýanyň ýa-da guramaçylyk ýygnagynyň teswirnamasynyň göçürmesi;

ž) zerur bolan ýagdaýynda, diňe TFF-nyň deslapky razyçylygy bilen ýoldaşlyk oýunlary gurnamagy ýa-da olara gatnaşmagy borçlanýandygy barada beýannama;

k) zerur bolan ýagdaýynda, Türkmenistanyň çäginde geçirilýän ähli resmi oýunlara gatnaşjakdygy barada beýannama.

14-nji madda. Arza bermek barada haýyşnama we ýüzlenmegiň tertibi

14.1. Ýerine ýetiriji komitet şu Tertipnamanyň 13-nji maddasynyň resmi talaplarynyň ýerine ýetirilendigini ýa-da ýetirilmedigine gözegçilik edýär. Ýerine ýetiriji komitet soňra Konferensiýadan arza berijini kabul etmegini ýa-da kabul etmezligi haýyş eder. Arza beriji Konferensiýa ýüz tutmagynyň sebäplerini aýdyp biler.

14.2. Täze agza agzalygyna kabul edilen pursatyndan başlap agzalyk hukuklaryny we borçlaryny alar. Onuň wekilleriniň ses bermegine we saýlanmagyna gaýra goýulman güýje girmegine haklydyr.

15-nji madda. Agzalaryň hukuklary

15.1. TFF-nyň agzalary şu aşakdaky hukuklara eýedirler:

a) Konferensiýa gatnaşmak, onuň gün tertibini öňünden almak, bellenilen möhletiň içinde Konferensiýa çagyrylmak, çekişmelere we ara alyp maslahatlaşmalara gatnaşmak bilen bagly hukugyny ulanmak, ses bermek bilen bagly hukugyny ulanmak;

b) Konferensiýanyň gün tertibine girizmek üçin teklipleri taýýarlamak;

ç)TFF-nyň degişli edaralaryna saýlawlar we/ýa-da bellenmek üçin dalaşgärleri hödürlemek;

d) resmi guramalarynyň üsti bilen TFF-nyň işleri barada habarly bolmak we Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan kabul edilen kararlar barada habarly bolmak;

e) TFF tarapyndan gurnalan ýaryşlara (eger degişli bolsa) we/ýa-da beýleki sport çärelerine we maksatnamalaryna gatnaşmak, TFF tarapyndan berlen tabşyrykdan soň we onuň howandarlygynda çempionatlary guramak (eger degişli bolsa);

ä) TFF-nyň Tertipnamasyndan we düzgünnamalaryndan gelip çykýan beýleki hukuklary amala aşyrmak.

15.2. Bu hukuklaryň durmuşa geçirilmegi, TFF-nyň Tertipnamasynda we ulanylýan düzgünnamalarynda beýleki düzgünlere tabyn edilýär.

16-njy madda. Agzalaryň borçlary

16.1. TFF-nyň agzalarynyň şu aşakdaky borçlary bardyr:

a) FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasyny, düzgünnamalaryny, görkezmelerini, kararlaryny yzygiderli doly möçberde berjaý etmek we agzalanlary öz agzalary tarapyndan hormatlanmagyny üpjün etmek;

b) onuň karar beriji guramalarynyň iň azyndan her dört (4) ýylda bir gezek saýlanmagyny üpjün etmek;

ç) ýokary we kada kabul ediji guramany ýylda bir gezek çagyrmak;

d) TFF tarapyndan gurnalan ýaryşlara (eger degişli bolsa) we beýleki sport çärelerine gatnaşmak;

e) agzalyk gatançalaryny tölemek;

ä) HFAM tarapyndan kesgitlenen Oýun kadalaryna, şeýle hem FIFA tarapyndan

kesgitlenen Kenarýaka futbol oýun kadalaryna we Futzal oýun kadalaryna hormat goýmak we agzalanlaryň hem agzalar tarapyndan kanunçylyk düzgüni taýdan hormat goýulmagyny üpjün etmek;

f) TFF-nyň Tertipnamasyndan, düzgünnamasyndan, görkezmelerinden we kararlaryndan gelip çykýan ýa-da olar bilen baglanyşykly milli ölçegdäki islendik jedeliň diňe soňky ýagdaýda (TFF-nyň içindäki ähli içerki ugurlar (kanallar) ulanylandan soň) SAK-a geçirilip bilinjekdigini görkezýän kadany kabul etmek (SAK Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy bilen göni gadagan edilmedik ýagdaýynda, adaty kazyýeti goşmazdan jedeli anyk çözmelidir);

g) FIFA-nyň ýa-da AFK-nyň Tertipnamasyndan, düzgünnamasyndan, görkezmelerinden we kararlaryndan gelip çykýan ýa-da baglanyşykly halkara ölçegli islendik jedeliň FIFA-nyň we AFK-nyň Tertipnamasynda görkezilişi ýaly diňe soňky ýagdaýda SAK-a iberilip bilinjekdigini görkezýän kadany kabul etmek.

h) öz işlerini özbaşdak dolandyrmak we öz işleriň üçünji taraplaryň täsir etmezligini şu Tertipnamanyň 21-nji maddasyna laýyklykda üpjün etmek;

i) öz guramalarynyň saýlanmagynyň ýa-da bellenmeginiň doly garaşsyzlygyny we bitewiligini kepillendirýän tertibe laýyklykda saýlanmagyny ýa-da bellenilmegini üpjün etmek;

j) öz Tertipnamasyna we düzgünnamalaryna islendik üýtgetme we goşmaça, şeýle hem içerki guramasyna islendik üýtgetme barada TFF-na habar bermek (mysal üçin, üçünji taraplar bilen hukuk taýdan hökmany bolan şertnamalary baglaşmaga hukugy bolan gol çekmäge ygtyýarly wezipeli adamlaryň sanawy);

ž) ykrar edilmedik guramalar ýa-da togtadylan ýa-da çykarylan agzalar bilen sport häsiýetli gatnaşyklary saklamazlyk;

k) wepalylyk, dogruçyllyk we gowy sport häsiýetlerini kanuny tertipde adalatly oýnamagyň beýany hökmünde berjaý etmek we şu hukuk düzgünini öz agzalary tarapyndan hormat goýmagyny üpjün etmek;

l) agzalyga kabul edilen möhletinde şu Tertipnamanyň 13-nji maddasynyň 13.2 bendinde beýan edilen hökmany bentleri berjaý etmek;

m) täzelenip durýan agzalaryň sanawyny dolandyrmak;

n) şu Tertipnamanyň talaplaryna laýyk gelýän tertipnamany tassyklamak;

ň) FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasyndan we beýleki düzgünnamalaryndan gelip çykýan beýleki borçlary doly ýerine ýetirmek.

16.2. Islendik agza tarapyndan ýokarda agzalan borçnamalaryň bozulmagy, şu Tertipnamada göz öňünde tutulan sanksiýalara düşmäge sebäp bolup biler.

16.3. Ýokardaky 16.1 bendiniň i-nji kiçi bendiniň bozulmagy, üçünji tarapyň täsiri degişli agzanyň ýalňyşlygy bolmasa-da, sanksiýalara düşmäge sebäp bolup biler. Her bir agza TFF-nyň öňünde jogapkärçilik çekýär, şeýle hem ol öz guramalarynyň agzalarynyň islendik we ähli gödek geleňsizligi ýa-da bilkastlaýyn nädogry hereketleri üçin jogapkärçilik çekýär.

17-nji madda. Agzalygy togtatmak

17.1. Konferensiýa agzany togtatmak üçin jogapkärdir. Ýerine ýetiriji komitet, Konferensiýanyň ses bermezinden ozal, agza hökmünde öz borçlaryny çynlakaý we/ýa-da birnäçe gezek bozýan bir agza gaýra goýulman güýje girizmegi bilen wagtlaýyn togtadyp biler. Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanan togtatmak, indiki Konferensiýa çenli dowam eder, eger Ýerine ýetiriji komitet bu möhleti aralykda togtatmaklygy ýatyrmadyk ýagdaýynda.

17.2. Togtatmak baradaky teklip degişlilikde berlen sesleriň dörtden üç bölegi bilen kabul edilmelidir. Agzanyň Konferensiýa tarapyndan togtadylmagy ýa-da Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan wagtlaýyn togtadylmagy indiki Konferensiýada tassyklamalydyr. Eger tassyklanmadyk ýagdaýynda, togtatmak gaýra goýulman ýatyrylmalydyr.

17.3. Togtadylan agza haýsydyr bir agzalyk hukugyny ulanyp bilmez. Beýleki agzalar togtadylan agza bilen sport aragatnaşygy saklap bilmezler. Düzgün-tertip we ahlak komiteti mundan beýläk sanksiýalar girizip biler.

17.4. TFF-nyň sport çärelerine yzygiderli (2) iki ýylyň dowamynda gatnaşmaýan agzalar Konferensiýada ses bermekden saklanmalydyrlar (togtadylýar) we olaryň wekilleri bu babatda borçlaryny ýerine ýetirýänçä saýlanmaga ýa-da bellenmäge degişli däldir.

18-nji madda. Agzalykdan çykarmak

18.1. Eger agza FIFA-nyň, AFK-nyň we TFF-nyň Tertipnamasyny, düzgünnamalaryny, düzgünlerini ýa-da kararlaryny çynlakaý we gaýtadan bozýan ýagdaýynda, onda ol Konferensiýa tarapyndan agzalykdan çykarylyp bilner.

18.2. Çykarmak baradaky teklip degişlilikde berlen sesleriň dörtden üç bölegi bilen kabul edilmelidir.

19-njy madda. Agzalykdan öz islegi boýunça çykmak

19.1. Agza futbol möwsüminiň ahyrynda TFF-dan çykyp biler. Agzalykdan çykmak barada habarnamasy futbol möwsümi gutarmazdan üç aýdan gijä galman baş sekretariata ýetirilmelidir.

19.2. Öz islegi boýunça çykmak isleýän agza, TFF-nyň we beýleki agzalaryň öňündäki maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirýänçä öz islegi boýunça agzalykdan çykmagy hakyky hasap edilmeýär.

20-nji madda. Ýatyrmak

20.1. Agza meýletin ýa-da kanuny esaslarda ýatyrylan ýagdaýynda, onuň TFF-da agza bolmagy ýuridik şahsyň ýatyrylan pursatyndan gaýra goýulman ýatyrylmalydyr.

20.2. Agzanyň ýerine ýetiriji edarasy, ýatyrmak amalyny başlanda gaýra goýulman TFF-nyň baş sekretariatyna habar bermelidir

21-nji madda. Agzalaryň we olaryň guramalarynyň garaşsyzlygy

21.1. Her agza öz işini garaşsyz ýagdaýda we üçünji taraplaryň degişli bolmadyk täsirini etmezden dolandyrmalydyr.

21.2. Agzalaryň guramalary saýlanylmalydyr ýa-da bellenilmelidir. Agzalaryň Tertipnamasynda saýlaw ýa-da bellemek işiniň doly garaşsyzlygyny we ak ýürekligini kepillendirýän demokratik amal göz öňünde tutulmalydyr.

21.3. Ýokardaky 21.2-nji bendiň düzgünlerine laýyklykda saýlanmadyk ýa-da bellenmedik agzalaryň guramalary, hatda wagtlaýyn esasda-da bolsa, TFF tarapyndan ykrar edilmelidir.

21.4. Ýokardaky 21.2-nji bende laýyklykda saýlanmadyk ýa-da bellenmedik guramalar tarapyndan kabul edilen kararlar TFF tarapyndan ykrar edilmelidir.

22-nji madda. Klublaryň, ligalaryň, sebit assosiasiýalarynyň we beýleki klub toparlarynyň ýagdaýy

22.1. Klublar, ligalar, sebit assosiasiýalary ýa-da TFF bilen baglanyşykly klublaryň beýleki toparlary TFF-nyň garamagynda bolmalydyr we ykrar edilen bolmalydyr. Türkmenistanyň çäginde diňe bir ýokary derejeli milli ligasy bolmalydyr.

22.2. Şu Tertipnama, ýokardaky 22.1-nji bentde görkezilen guramalaryň ygtyýarlyklaryny, hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Olaryň Tertipnamasyny we düzgünnamalaryny TFF-nyň Tertipnamasynyň we düzgünnamalarynyň talaplaryna we borçlaryna laýyk gelmelidir. TFF eminlik, dopinge garşy göreş, oýunçylary hasaba almak, klub ygtyýarnamasy, düzgün-tertip çäreleri, şol sanda ahlak taýdan nädogry hereketler, şeýle hem ýaryşlaryň bitewiligini goramak, şeýle-hem gürleşilen oýunlara garşy göreş üçin zerur bolan çäreleri düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly esasy jogapkärçiligi öz üstüne almalydyr.

22.3. Ýokardaky 22.1-nji bentde görkezilen guramalar, agzalyk bilen baglanyşykly islendik meseleleri boýunça ähli kararlary islendik daşarky guramadan garaşsyz bolup kabul etmelidirler. Bu borçnama, olaryň korporatiw (guramaçylyk) gurluşyna garamazdan ulanmalydyr.

22.4. Islendik ýagdaýda, haýsydyr bir oýnuň ýa-da ýaryşyň ak ýürekligine howp abandyryp biljek ýagdaýynda, hiç bir adam ýa-da ýuridik şahs (şol sanda, holding kompaniýalary we golçur kärhanalary) birden köp kluba ýa-da klublaryň toparyna islendik görnüşde gözegçilik edip bilmez.

III. HORMATLY BAŞLYK WE HORMATLY AGZA

23-nji madda. Hormatly başlyk we hormatly agza

23.1. Konferensiýa, futbola bitiren hyzmatlary üçin islendik adama hormatly başlyk ýa-da hormatly agza adyny dakyp biler.

23.2. Ýerine ýetiriji komitet bu dalaşgärleri hödürleýär.

23.3. Hormatly başlyk ýa-da hormatly agza Konferensiýa gatnaşyp biler. Olar ara alyp maslahatlaşmalara gatnaşyp bilerler, emma olaryň ses bermek üçin hukugy ýokdur.

IV. GURAMAÇYLYK

24-nji madda. Guramalar

24.1. Konferensiýa ýokary we kada kabul ediji gurama bolup durýar.

24.2. Ýerine ýetiriji komitet strategiki we gözegçilik gurama bolup durýar.

24.3. Baş sekretariat ýerine ýetiriji, iş we administratiw gurama bolup durýar.

24.4. Hemişelik we wagtlaýyn komitetler Ýerine ýetiriji komitete we baş sekretariata öz borçlaryny ýerine ýetirmekde maslahat bermelidir we ýardam etmelidir.

24.5. Kluby ygtyýarlandyryş guramalary TFF-nyň çäginde klub ygtyýarlandyryş ulgamyna jogapkärdir.

24.6. Garaşsyz komitetler şu Tertipnama we ulanylýan düzgünnamalara laýyklykda öz wezipelerini ýerine ýetirýärler. Garaşsyz komitetler Gözegçilik we laýyklyk komiteti, saýlaw komitetleri we jedelleri baradaky guramalary bolup durýarlar.

24.7. TFF-nyň jedeller baradaky guramalary Düzgün-tertip, Ahlak komiteti we Şikaýat komitetidir.

24.8. Guramalar degişli bolmadyk daşarky täsirini etmezden we şu Tertipnamanada görkezilen amallara laýyklykda, TFF-nyň özi tarapyndan saylanylmalydyr ýa-da bellenilmelidir. Guramalaryň agzalary ozal bu wezipä laýyk gelmeýän islendik jenaýat işi edendigi üçin günäkärlenen bolmaly däldirler.

24.9. Guramalaryň islendik agzasy bähbitleriň gapma-garşylygyň töwekgelçiligi ýa-da mümkinçiligi bar bolsa, ara alyp maslahatlaşmadan ýa-da karar bermekden çekilmelidir. Hususan-da, guramalaryň agzalary FIFA-nyň Ahlak kodeksiniň bähbitleriň gapma-garşylyk baradaky degişli düzgünlerinden hemişe habarly bolmalydyrlar we olary berjaý etmelidirler we zerur bolanda özleriniň alyp barşyny düzedip bilmelidirler (meselem, borçlaryny ýerine ýetirmekden saklanmaly, bolup biljek bähbitleriň gapma-garşylygy barada başlyga habar bermeli).

25-nji madda. Guramanyň agzasynyň wezipesinden boşadylmagy

25.1. Konferensiýa guramanyň agzany wezipesinden boşadyp biler. Ýerine ýetiriji komitet, garaşsyz komitetleriň agzalaryndan başga, agzany wagtlaýynça wezipesinden boşadyp biler. Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanan wagtlaýyn wezipesinden boşadylmagy, eger Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan aralykda bu karar ýatyrylmadyk ýagdaýynda, indiki Konferensiýanyň tarapyndan tassyklanmalydyr. Indiki Konferensiýa saýlama häsiýete eýe bolan ýagdaýynda, wezipesinden boşadylan agzanyň, saýlawdan öň kabul edilmeli Konferensiýanyň ony wezipesinden

boşadylmagy baradaky gutarnykly kararyna baglylykda şertli esasda, saýlawa dalaşgär bolmagyna rugsat berilýär (eger bu agza degişli laýyklyk şertlerini ýerine ýetirýän bolsa).

25.2. Wezipesinden boşatmak baradaky teklip esaslandyrylan bolmalydyr we degişli gün tertibi bilen birlikde Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryna we/ýa-da TFF-nyň agzalaryna iberilmelidir.

25.3. Agzalan ara alnyp garalýan guramanyň agzasy Ýerine ýetiriji komitetiň we/ýa-da Konferensiýanyň öňünde özüni goramak hukugyna eýedir.

25.4. Wezipesinden boşatmak baradaky teklip boýunça Ýerine ýetiriji komitetde we/ýa-da Konferensiýada gizlin ses bermek arkaly karar berilýär. Teklibiň kabul edilmegi üçin berlen sesleriň üçden iki böleginiň köplügi talap edilýär.

25.5. Wezipesiden boşadylan agza (wagtlaýyn ýa-da wagtlaýyn däl) gaýra goýulman öz wezipesinden boşadylmalydyr.

Konferensiýa

26-njy madda. Konferensiýa, kesgitleme we düzümi

26.1. Konferensiýa bu agzalaryň hemmesiniň yzygiderli ýygnanýan duşuşygy. TFF-nyň ýokary we kada kabul ediji guramasy bolup durýar. Diňe degişlilikde gurnalan Konferensiýanyň karar kabul etmäge hukugy bardyr. Konferensiýa şahsy ýa-da wideoşekilli Konferensiýa arkaly geçirilip bilner.

26.2. Konferensiýa wekilçilikli demokratiýa ýörelgelerine laýyklykda alnyp barylmalydyr, futbolda jyns taýdan deňligiň wajyplygyny, zenanlaryň futbolynyň bähbitlerini we gyzyklanýan taraplaryň futbola wekilçilik etmegini göz öňünde tutmalydyr.

26.3. Konferensiýa nobatdaky ýa-da nobatdan daşary bolup biler.

26.4. Başlyk, şu Tertipnama, Konferensiýanyň hemişelik buýruklaryna we islendik degişli düzgünlere laýyklykda Konferensiýada başlyklyk etmeli.

26.5. Ýerine ýetiriji komitet, ara alyp maslahatlaşmak ýa-da ses bermek hukugy bolmazdan Konferensiýa gatnaşýan syngylary belläp biler.

27-nji madda. Wekiller we sesler

27.1. Konferensiýa ýigrimi (20) wekilden ybaratdyr. Wekilleriň sany aşakdaky ýaly bölünýär:

a) Türkmenistanyň Ýokary ligasynyň sekiz (8) klubynyň her biri üçin bir (1) ses bilen iki (2) wekil. (Jemi 16 ses).

b) zenanlaryň arasynda futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynyň çempiony üçin bir (1) ses bilen bir (1) wekil. (Jemi 1 ses).

ç) Türkmenistanyň naýbaşy futzal ligasynyň çempiony üçin bir (1) ses bilen bir (1) wekil. (Jemi 1 ses).

d) Balkan welaýat futbol federasiýasy üçin bir (1) ses bilen bir (1) wekil. (Jemi 1 ses).

e) Türkmenistanyň Maýyplarynyň merkeziniň bedenterbiýe sport kluby üçin bir (1) ses bilen bir (1) wekil. (Jemi 1 ses).

27.2. Wekiller wekilçilik edýän agzasyna degişli bolmalydyr we şol agzanyň degişli guramasy tarapyndan bellenen ya-da saýlanan bolmalydyr. Olar şeýle-de, talap ýüze çykan ýagdaýynda, munuň subutnamasyny bermäge ukyply bolmalydyr.

27.3. Konferensiýada her wekiliň bir sesi bar. Diňe gatnaşýan wekilleriň ses bermäge hukugy bar. Wideoşekilli - Konferensiýa arkaly gatnaşmagyň barlygyny aňladýar. Ynanç haty ýa-da hat arkaly ses bermäge rugsat berilmeýär. Konferensiýa wideoşekilli - Konferensiýa şekilinde geçirilende, "onlaýn" ses bermäge rugsat berilýär.

27.4. Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary we Baş sekretar ses bermek hukugy bolmazdan Konferensiýa gatnaşmalydyrlar. Ygtyýarlyklarynyň möhletiniň dowamynda Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary Konferensiýa wekil hökmünde bellenip bilinmezler.

28-nji madda. Ygtyýarlyklaryň ugurlary

28.1. Konferensiýanyň aşakdaky görkezilen ygtyýarlyklary bar:

a) şu Tertipnamany, Konferensiýanyň hemişelik buýruklaryny we TFF-nyň Saýlaw kodeksini kabul etmek ýa-da olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek;

b) soňky ýygnagyň teswirnamasyny tassyklamak we teswirnamany barlamak üçin üç (3) sany agzany bellemek;

ç) Başlygyny, Başlygyň orunbasarlaryny we Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryny saýlamak;

d) Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça garaşsyz komitetleriň ýolbaşçylaryny, ýolbaşçylaryň orunbasarlaryny we agzalaryny (Gözegçilik we laýyklyk komiteti, saýlaw komitetleri, TFF-nyň jedelleri baradaky guramalary) tassyklamak;

e) sesleri sanamak üçin we Saýlaw komitetine saýlawlar üçin berlen saýlaw býulletenlerini paýlamakda ýardam etmek üçin gözegçileri bellemek;

ä) ýyllyk audit tarapyndan barlanan maliýe hasabatlaryny, şol sanda jemleýji maliýe hasabatlaryny we ýyllyk hasabatyny tassyklamak;

f) býüjeti tassyklamak;

g) işi hakyndaky hasabatyny tassyklamak (soňky Konferensiýadan bäri TFF-nyň işini öz içine alýar);

h)Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça garaşsyz we daşyndan çagyrylýan auditorlary bellemek;

i) Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça agzalyk gatançlaryny kesgitlemek;

j) Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça Hormatly başlyk ýa-da Hormatly agza adyny dakmak;

ž) agzany kabul etmek, togtatmak ýa-da agzalykdan çykarmak;

k) TFF-nyň guramasynyň agzasyny wezipesinden boşatmak;

l) TFF-ny ýatyrmak we maliýe aktiwlerinden ulanmak barada karar bermek;

m) şu Tertipnama laýyklykda agzanyň haýyşy boýunça kararlary kabul etmek ýa-da şu Tertipnama laýyklykda Konferensiýa ynanylan islendik karary kabul etmek.

29-njy madda. Kworum

29.1.Konferensiýa tarapyndan kabul edilen kararlar diňe ses bermäge hukugy bolan agzalara wekilçilik edýän wekilleriň köplügi (50%-den köp) gatnaşan halatynda güýje girmelidir.

29.2. Eger-de kworum toplanylmadyk ýagdaýynda, ikinji Konferensiýa 24 sagatdan soň şol bir wagtda we şol bir gün tertibi bilen geçirilmelidir.

29.3. Şu Tertipnamana üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi, Başlygynyň, Başlygynyň orunbasarlarynyň ýa-da Ýerine ýetiriji komitetiň agzalarynyň saýlanmagy, garaşsyz komitetleriň ýolbaşçylarynyň, olaryň orunbasarlarynyň ýa-da agzalarynyň saýlanmagy, guramanyň agzasynyň wezipesinden boşadylmagy, agzanyň togtadylmagy ýa-da çykarylmagy ýa-da TFF-nyň ýatyrylmagy gün tertibinde teklip edilmedik ýagdaýynda, Konferensiýanyň ikinji ýygnagy üçin kworum talap edilmeýär.

29.4. Haçan-da, Konferensiýanyň şu Tertipnama laýyklykda çagyrylandygy we düzülendigi yglan edilenden soň, gidýän wekilleri kworuma täsir edip bilmez.

30-njy madda. Kararlar

30.1. Ses bermegi talap edýän karar, Konferensiýa tarapyndan başgaça karar berilmedik bolsa, el galdyrmak arkaly ýa-da elektron sanamak arkaly gazanylmalydyr. Eger-de el galdyrmak haýsydyr bir teklibi goldamak üçin aç-açan köplügi alyp barmadyk ýagdaýynda ýa-da gatnaşýan agzalara wekilçilik edýän we ses bermäge hukugy bolan azyndan bäş (5) wekiller haýyş eden ýagdaýynda, ses bermegi alfawit tertibinde çagyrylmak arkaly amala aşyrylmalydyr.

30.2. Şu Tertipnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda, degişlilikde berlen sesleriň köplügi (50%-den köp) kararyň güýje girmegi üçin ýeterlikli bolup durýar. Köplügi hasaplanylanda boş saýlaw býulletenleri, nädogry sesler ýa-da haýsydyr bir usul bilen manipulýasiýa bolan elektron sesler we saklanmaklyk hasaba alynmaly däldir.

31-nji madda. Saýlawlar

31.1. Saýlawlar gizlin ses bermek arkaly geçirilmelidir. Emma, dalaşgärleriň sany boş wezipeleriň sanyna deň ýagdaýynda, Konferensiýa el, kartoçka ýa-da el çarpyşmalar arkaly dowam etdirip biler.

31.2. Saýlawlar TFF-nyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilmelidir we Saýlaw komiteti tarapyndan gözegçilik edilmelidir.

31.3. Ýerine ýetiriji komitetiň içindäki wezipelere saýlaw wezipe boýunça geçirilmelidir. Ýerine ýetiriji komitetiň wezipelerine saýlanjak her bir dalaşgäri azyndan üç (3) agza tarapyndan teklip edilen bolmalydyr. Her agza her bir berlen

wezipe üçin diňe bir dalaşgäri goldamalydyr. Bir agza tarapyndan köp dalaşgär goldanýan bolsa, goldawy beýan etmegiň hiç biri-de dogry diýip hasap edilmeli däldir.

31.4. Degişlilikde berlen sesleriň köplügi (50%-den köp) TFF-nyň Başlygyny we Başlygynyň orunbasarlaryny saýlamak üçin zerurdyr. Başlygyň wezipesine ýa-da haýsydyr bir Başlygyň orunbasarlarynyň wezipesine ikiden köp dalaşgär bolan ýagdaýynda, iň az ses alan dalaşgär, diňe iki dalaşgär galýança, her ses berişlikden soň çykarylmalydyr.

31.5. Ýerine ýetiriji komitetiň beýleki agzalaryny saýlamak üçin erkin orun (lar) babatynda iň köp ses alan dalaşgär (lar) saýlanmalydyr.

31.6. Ýolbaşçylary, ýolbaşçylaryň orunbasarlaryny we garaşsyz komitetleriň agzalaryny (meselem, Gözegçilik we laýyklyk komiteti, Saýlaw komitetleri we jedelleri baradaky guramalary) saýlamak üçin boş orun (lar) babatynda iň köp ses alan dalaşgär (ler) saýlanmalydyr. Bu saýlawlar doly düzümde geçirilip bilner. Emma, agzalara wekilçilik edýän azyndan on (10) wekilleriň haýyşy boýunça belli bir dalaşgär üçin aýratyn ses berişlik geçirilmelidir.

31.7. Islendik guramanyň islendik saýlawlarynda deň ses berlen halatynda şu maddada görkezilen tertipde iki sany täze ses berişik geçirilmelidir. Eger-de deň sanly sesler galan ýagdaýynda, onda şu Tertipnama laýyklykda täze saýlawlary geçirmek üçin täze saýlaw Konferensiýa çagyrylýança, degişli wezipe boş galmalydyr.

31.8 Köplük hasaplanylanda, boş saýlaw býulletenleri, nädogry sesler ýa-da haýsydyr bir usul bilen manipulýasiýa bolan elektron sesler we saklanmaklyk hasaba alynmaly däldir.

31.9. Ýerine ýetiriji komitetiň haýsydyr bir wezipesine dalaşgärler degişli saýlaw Konferensiýadan azyndan otuz (30) gün öň baş sekretariata iberilmelidir. Dalaşgärleriň resmi sanawy, Ýerine ýetiriji komitetiň saýlanjak Konferensiýadan azyndan on (10) gün öň TFF-nyň agzalaryna berilmelidir. Bu bendiň düzgünleri, Nobatdan daşary Konferensiýanyň geçirilýän döwründe saýlawlar geçirilende hem ulanylmalydyr.

31.10. Garaşsyz komitetleriniň (meselem, Gözegçilik we laýyklyk komiteti, Saýlaw komitetleri we jedelleri baradaky guramalary) haýsydyr bir wezipä dalaşgärler degişli saýlaw Konferensiýasyndan azyndan 30 gün öň baş sekretariata iberilmelidir. Dalaşgärleriň resmi sanawy, seredilýän agzalaryň saýlanjak Konferensiýadan azyndan on (10) gün öň TFF-nyň Agzalaryna berilmelidir.

32-nji madda. Nobatdaky Konferensiýa

32.1. Nobatdaky Konferensiýa her ýyl geçirilmelidir.

32.2. Ýerine ýetiriji komitet geçiriljek ýerini we senesini kesgitlemelidir. Agzalara azyndan kyrk bäş (45) gün öňünden ýazmaça habar berilmelidir.

32.3. Agzany Konferensiýa hödürlemek isleýän her bir islendik teklibi, Konferensiýanyň geçiriljek senesinden azyndan otuz (30) gün öň gysga düşündiriş bilen ýazmaça görnüşde baş sekretarata iberilmelidir.

32.4. Çagyrylmak baradaky resmi habarnama Konferensiýanyň geçiriljek senesinden azyndan on (10) gün öň ýazmaça görnüşde ugradylmalydyr. Bu çagyryş

gün tertibini, iş hakynda hasabatyny, maliýe hasabatlaryny, garaşsyz we daşyndan çagyrylýan auditorlaryň hasabatyny we beýleki degişli resminamalary, şol sanda dalaşgärleriň resmi sanawyny (degişli bolsa) öz içine almalydyr.

33-nji madda. Nobatdaky Konferensiýanyň gün tertibi

33.1. Baş sekretar gün tertibini Ýerine ýetiriji komitetiň we agzalaryň teklipleriniň esasynda düzülmelidir.

33.2. Konferensiýanyň gün tertibi aşakdaky hökmany bentleri öz içine almaly (hronologiki tertipde):

a) Konferensiýanyň şu Tertipnama laýyklykda çagyrylandygy we düzülendigi barada beýannama;

b) gün tertibiniň tassyklanmagy;

ç) Başlygyň ýüzlenmesi;

d) teswirnamany barlamak üçin agzalaryň bellenilmegi;

e) gözegçileriň bellenilmegi;

ä) agzalaryň togtatmagy ýa-da çykarmagy (bar bolan ýagdaýynda);

f) öňki Konferensiýanyň teswirnamasynyň tassyklanmagy;

g) iş hakynda hasabaty (soňky Konferensiýadan bäri alyp barylýan işleri öz içine alýar);

h) jemlenen we täzeden seredilen balans hasabatyny, girdeji we çykdajylar barada hasabatyny, şeýle hem garaşsyz we daşyndan çagyrylýan auditorlaryň hasabatyny görkezmek;

i) barlanan maliýe hasabatlaryň tassyklanmagy;

j) býüjetiň tassyklanmagy;

ž) şu Tertipnama, Konferensiýanyň hemişelik buýruklaryna we TFF-nyň Saýlaw kodeksine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky teklipiere ses bermek (bar bolan ýagdaýynda);

k) agzalar we Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan şu Tertipnamanyň 32-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde hödürlenen teklipleri ara alyp maslahatlaşmak;

l) Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça garaşsyz we daşyndan çagyrylýan auditorlaryň bellenilmegi (bar bolan ýagdaýynda);

m) TFF-nyň guramasynyň agzasynyň wezipesinden boşadylmagy (bar bolan ýagdaýynda);

n) Başlygynyň, Başlygynyň orunbasarlarynyň we Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryň saýlanmagy (bar bolan ýagdaýynda);

ň) Garaşsyz komitetleriň agzalaryny, ýagny Gözegçilik we laýyklyk komitetiniň, saýlaw komitetleriniň we jedelleri baradaky guramalarynyň agzalarynyň Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça saýlamak (bar bolan ýagdaýynda);

o) agzalyga kabul etmek (bar bolan ýagdaýynda).

33.3. Konferensiýa gün tertibine girizilmedik islendik sorag boýunça karar kabul etmeli däldir.

33.4. Eger-de gatnaşýan agzalara wekilçilik edýän we şu sorag boýunça ses bermäge hukugy bolan wekilleriň köplügi (50%-den köp) şeýle teklip bilen razy bolan ýagdaýynda, onda Nobatdaky Konferensiýanyň gün tertibi üýtgedilip bilner.

34-nji madda. Nobatdan daşary Konferensiýa

34.1. Ýerine ýetiriji komitet islendik wagtda Nobatdan daşary Konferensiýany çagyryp biler.

34.2. TFF-nyň agzalaryna wekilçilik edýän wekilleriniň üçden biri ýazmaça haýyşnama bilen ýüz tutan ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji komitet nobatdan daşary Konferensiýany çagyrmalydyr. Haýyşnamada gün tertibine girizilmeli soraglar görkezilmelidir. Haýyşnama alnandan soň iň köp otuz (30) günüň dowamynda Nobatdan daşary Konferensiýa geçirilmelidir. Eger-de Nobatdan daşary Konferensiýa çagyrylmadyk ýagdaýynda, haýyşnama bilen ýüz tutan agzalara wekilçilik edýän wekiller özleri Konferensiýany çagyryp bilerler. Şeýle etmek bilen, olar aşakdaky 34.3-nji bende laýyklykda TFF-nyň ähli agzalaryna we Ýerine ýetiriji komitetine Nobatdan daşary Konferensiýanyň senesi, ýeri we gün tertibine girizilmeli soraglar bilen birlikde habar belmelidirler.

34.3. Nobatdan daşary Konferensiýadan azyndan on (10) gün öň agzalara ýeri, senesi we gün tertibi barada habar berilmelidir. Bu çagyryş gün tertibini we beýleki degişli resminamalary öz içine almalydyr.

34.4. Haçan-da Nobatdan daşary Konferensiýa Ýerine ýetiriji komitetiň başlangyjy bilen çagyrlan ýagdaýynda, onda gün tertibi ol tarapyndan düzümelidir. Haçan-da agzalaryň haýyşy boýunça çagyrylan bolsa, onda gün tertibine şol agzalaryň öňe süren soraglary girizilen bolmalydyr.

34.5. Nobatdan daşary Konferensiýanyň gün tertibi üýtgedilmäge degişli däldir.

35-nji madda. Tertipnama, Konferensiýanyň hemişelik buýruklaryna we Saýlaw kodeksine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek

35.1. Konferensiýa şu Tertipnamana, Konferensiýanyň Hemişelik buýruklaryna we TFF-nyň Saýlaw kodeksine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin jogapkärdir.

35.2. Şu Tertipnamana, Konferensiýanyň Hemişelik buýruklaryna ýa-da TFF-nyň Saýlaw kodeksine üýtgetme we goşmaça girizmek üçin islendik teklipler agza ýa-da Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan baş sekretariata gysga düşündiriş bilen ýazmaça görnüşde tabşyrylmalydyr. Agza wekilçilik edýän wekiller tarapyndan berlen teklip, agzalara wekilçilik edýän azyndan on bäş (15) başga wekiller tarapyndan ýazmaça goldanan ýagdaýynda hakyky diýip hasaplanýar.

35.3. Şu Tertipnama, Konferensiýanyň Hemişelik buýruklaryna ýa-da TFF-nyň Saýlaw kodeksine üýtgetme we goşmaça girizmek baradaky teklip diňe gatnaşýan we ses bermäge hukugy bolan agzalara wekilçilik edýän wekilleriniň azyndan üçden iki bölegi muňa razy bolan ýagdaýynda kabul edilmelidir.

35.4. TFF öz Tertipnamasyna, Konferensiýanyň Hemişelik buýruklaryna we

Saýlaw kodeksine islendik üýtgetmeleri we goşmaçalary, zerur ýagdaýynda FIFA-nyň we AFK-nyň umumy resmi diline terjime edip, FIFA-a we AFK-a habar bermelidir.

36-njy madda. Teswirnama

36.1. Baş sekretar Konferensiýada teswirnamany ýazga geçirmäge jogapkärdir. Teswirnama bellenen Agzalar tarapyndan barlanmalydyr we indiki Konferensiýada gutarnykly tassyklanmalydyr.

37-nji madda. Kararlaryň güýje girýän seneler

37.1. Konferensiýa tarapyndan kabul edilen kararlar, şu Tertipnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa ýa-da Konferensiýa kararyň güýje girmekleri üçin başga bir senäni kesgitlemese, gaýra goýulman Konferensiýanyň ýapylandan soň güýje girmelidir.

Ýerine ýetiriji komiteti

38-nji madda. Düzümi

38.1. Ýerine ýetiriji komitet on bir (11) agzadan ybarat bolup, olaryň iň bolmanda biri zenan bolmalydyr:
a) Başlyk;
b) Başlygyň birinji orunbasary;
ç) Başlygyň ikinji orunbasary;
d) sekiz (8) agza.

38.2. Başlygy, Başlygyň orunbasary (Başlygyň orunbasarlary) we Ýerine ýetiriji komitetiň beýleki agzalary şu Tertipnamanyň 31-nji maddasyna laýyklykda Konferensiýa tarapyndan saýlanmalydyr. Olar saýlanmazdan ýa-da gaýtadan saýlanmazdan öň, Gözegçilik we laýyklyk komitetleri tarapyndan akýüreklilik babatynda barlagdan geçmelidir.

38.3. Başlygyň, Başlygynyň orunbasarlarynyň we Ýerine ýetiriji komitetiniň agzalarynyň ygtyýarlyk möhleti (mandaty) dört (4) ýyl bolmalydyr. Olaryň ygtyýarlyklary şol bir saýlaw aýlawyna eýermelidir. Olaryň ygtyýarlyklary, olary saýlanan Konferensiýa tamamlanylandan soň gaýra goýulman başlanýar we mirasdüşerleri saýlanan Konferensiýanyň ahyrynda gutarýar. Hiç bir adam üç (3) möhletden köp (yzygiderli ýa-da yzygiderli däl) Başlyk bolup bilmez. Ýerine ýetiriji komitetiniň beýleki ähli agzalary (şol sanda islendik Başlygynyň orunbasary) üç (3) möhletden köp (yzygiderli ýa-da yzygiderli däl) wezipäni eýeläp bilmezler. Islendik bölekleýin (doly däl) ygtyýarlyk möhleti bir doly möhlet hökmünde hasaplanmalydyr.

38.4. Ýerine ýetiriji komitetiniň ähli agzalary eýýäm futbol bilen meşgullanýan bolmalydyr we şu Tertipnamanyň 24-nji maddasynyň 24.8-nji bendinde göz öňünde tutulan şertlerini ýerine ýetirýän bolmalydyrlar.

38.5. Ýerine ýetiriji komitetiň agzasy şol bir wagtyň özünde garaşsyz komitetiň agzasy bolup bilmeýär we Konferensiýada Agzanyň wekili hökmünde bellenip/saýlanyp bilinmez.

38.6. Ýerine ýetiriji komitetiň bir wezipesi ýa-da wezipeleriniň 50%-e çenli boş bolup gelen ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji komitet indiki Konferensiýa çenli (wezipe(-leri) çalyşmak galan möhlet üçin saýlanar) şu seredilýan wezipäni (wezipelerini) doldurmalydyr.

38.7. Ýerine ýetiriji komitetiniň wezipeleriniň 50%-den köp boş bolup gelen ýagdaýynda, Baş sekretar bellenilen möhletde Nobatdan saşary Konferensiýa çagyrmalydyr.

38.8. Ýerine ýetiriji komitetiň içindäki islendik wezipe, aradan aýrylan, öz islegi boýunça çykan ýa-da degişli agzanyň resmi wezipesini ýerine ýetirmeginiň hemişelik gadagan edilen halatynda boş hasaplanmalydyr.

39-njy madda. Ýygnaklar

39.1. Ýerine ýetiriji komitet ýylda azyndan dört (4) gezek ýygnanyşmalydyr. Ähli agzalaryň bir wagtyň biri-birini eşidip we görüp bilmek şerti bilen, Ýerine ýetiriji komitetiň ýygnaklary wirtual görnüşde (wideo aragatnaşyk arkaly) geçirilip bilner (meselem, Zoom, Microsoft Teams arkaly we ş.m.).

39.2. Başlyk Ýerine ýetiriji komitetiň mejlislerini çagyrylmalydyr. Ýerine ýetiriji komitetiň agzalarynyň aglaba köplügi (50%-den köp) ýygnak üçin isleg bildiren ýagdaýynda, Başlyk bu haýyşy alandan soň on dört (14) günüň dowamynda ýygnagy geçiriljek görnüşinde çagyrmalydyr. Eger-de haýyş edilen ýygnak Başlyk tarapyndan ýokarda görkezilen möhletiň dowamynda çagyrylmadyk ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji komitetiň beýleki agzalary ony özleri çagyrmalydyrlar, ýöne gün tertibini ýygnakdan azyndan üç (3) gün öň Ýerine ýetiriji komitetiň ähli agzalaryna aşakda görkezilen

39.3-njy bendine laýyklykda ýollamalydyrlar.

39.3. Baş sekretariatyň kömegi bilen Başlyk Ýerine ýetiriji komitetiň ýygnagynyň gün tertibini düzmelidir we gün tertibi ýygnakdan azyndan on (10) gün öň agzalara habar berilmelidir. Ýerine ýetiriji komitetiň her bir agzasynyň gün tertibine girizilmegi üçin soraglary teklip etmäge hukugy bar. Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary, ýygnagyň gün tertibine girizmek isleýän soraglaryny ýygnakdan azyndan bäş (5) gün öň baş sekretaryata tabşyrmalydyrlar. Düzgün bolşy ýaly, jemleýji gün tertibi we degişli resminamalar ýygnakdan azyndan üç (3) gün öň Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryna iberilmelidir.

39.4. Baş sekretar Ýerine ýetiriji komitetiň ýygnaklaryna maslahat beriş wezipesinde we ses bermek hukugy bolmazdan gatnaşmalydyr. Eger-de Baş sekretar ýygnaga gatnaşyp bilmedik ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji komitetiň razylygy bilen ýygnaga öz adyndan wekil hödürläp biler.

39.5. Ýerine ýetiriji komitetiň ýygnaklary köpçüligiň öňünde geçirilmeli däldir. Ýerine ýetiriji komitet üçünji taraplary gatnaşmaga çagyryp biler. Şol üçünji taraplaryň ses bermek hukugy bolmaly däldir we diňe Ýerine ýetiriji komitetiň rugsady bilen öz

pikirini aýdyp bilerler.

39.6. Başlyk hem Ýerine ýetiriji komitetiň iki ýygnagynyň aralygynda çözülmegini haýal etmän talap edýän islendik meseläni çözmek üçin Ýerine ýetiriji komiteti gyssagly esasda çagyryp biler. Şeýle ýagdaýlarda, ýokardaky 39.3 bentde görkezilen möhletler, gyssaglylygy talap eden halatynda, gysgaldylyp ýa-da äsgermezlik edilip bilner.

40-njy madda. Ygtyýarlyklar

40.1 Ýerine ýetiriji komitet aşakdaky ygtyýarlyklara eýe bolmalydyr:

a) Konferensiýanyň jogapkärçiliginiň çägine girmeýän ýa-da kanun ýa-da şu Tertipnama laýyklykda beýleki guramalar üçin degişli edilmedik ähli meseleler boýunça kararlary kabul etmek;

b) Baş sekretariatyň kömegi bilen, nobatdaky we nobatdaky daşary Konferensiýany taýýarlamak we çagyrmak;

ç) hemişelik komitetleriň ýolbaşçylaryny, ýolbaşçylaryň orunbasarlaryny we agzalaryny bellemek;

d) zerur bolsa, islendik wagt ýörite (wagtlaýyn) komitetleri döretmek baradaky kararyny kabul etmek;

e) hemişelik komitetleri we ýörite (wagtlaýyn) komitetleri gurnamak üçin düzgünnamalary tassyklamak we çykarmak;

ä) Başlygyň teklibi boýunça Baş sekretary bellemek. Baş sekretar, Başlygynyň deslapky teklibi bolmazdan, Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan wezipesinden boşadylyp bilner;

f) Konferensiýa garaşsyz we daşyndan çagyrylýan auditorlary teklip etmek;

g) indiki Konferensiýa çenli garaşsyz komitetlerde boş orunlaryna çalşyryjylary bellemek;

h) TFF-nyň tarapyndan gurnalýan ýaryşlara gatnaşmagyň we geçirmegiň şertlerini düzgünleşdirýän düzgünnamalaryny tassyklamak we çykarmak;

i) AFK-nyň we FIFA-nyň tarapyndan döredilen klub ygtyýarnama ulgamynyň iň az talaplaryna laýyklykda klublaryň TFF-nyň we AFK-nyň ýaryşlaryna gatnaşmagyny düzgünleşdirýän klub ygtyýarnama ulgamy bilen baglanyşykly düzgünnamalaryny tassyklamak we çykarmak;

j) wekilçilikli ýygyndylar üçin tälimçileri we beýleki tehniki işgärleri bellemek;

ž) TFF-nsyň içerki guramaçylyk düzgünnamasyny tassyklamak we çykarmak;

k) şu Tertipnamanyň ulanylmagyny üpjün etmek we onuň ulanylmagy üçin zerur ýerine ýetiriji çäreleri kabul etmek;

l) Garaşsyz komitetlerden başga guramanyň agzasyny wezipesinden boşatmak ýa-da TFF-nyň Agzasyny indiki Konferensiýa çenli wagtlaýyn togtatmak;

m) ygtyýarlyklarynyň çäklerindäki ygtyýarlyklaryndaky wezipeleri beýleki guramalara bermek;

n) ara alyp maslahatlaşmak ýa-da ses bermek hukugy bolmazdan Konferensiýa gatnaşyp biljek syngylary bellemek.

41-nji madda. Kararlar

41.1. Ýerine ýetiriji komitet, onuň agzalarynyň aglaba köplügi (50%-den köp) bolmadyk ýagdaýynda, dogry ara alap maslahatlaşmalara gatnaşyp bilmez. Wideoşekilli-konferensiýa arkaly gatnaşmak barlygy aňladylmalydyr.

41.2. Ýerine ýetiriji komitet, şu Tertipnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolmadyk ýagdaýynda, dogry berlen sesleriň köplügi (50% -den köp) bilen karar kabul edip etmelidir. Ynanç haty ýa-da hat arkaly ses bermäge rugsat berilmeýär. Ýerine ýetiriji komitetiniň ýygnagy wideoşekilli-konferensiýa arkaly geçirilende, onlaýn ses bermek ýa-da beýleki häzirki zaman ýazmaça aragatnaşyk serişdeleri (meselem, e-poçta, habarlaşma programmalary) arkaly ses bermeklige rugsat berilýär.

41.3. Ýerine ýetiriji komitetiň islendik agzasy, eger-da bähbitleriň gapma-garşylygyň islendik töwekgelçiligi ýa-da ähtimallygy bar bolan ýagdaýynda, ara alyp maslahatlaşmalardan we karar bermekden çekilmelidir.

41.4. Kabul edilen kararlar teswirnamada ýazylmalydyr.

41.5. Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan kabul edilen kararlar, Ýerine ýetiriji komitet başgaça karar berilmedik ýagdaýynda, gaýra goýulman güýje girmelidir.

42-nji madda. Başlyk

42.1. Başlyk ilkinji nobatda aşakdakylara jogapkärdir:

a) TFF-nyň tertipnamalaýyn maksatlarynyň, wezipeleriniň, strategiki ugrunyň, syýasatlarynyň we gymmatlyklarynyň yzygiderli alnyp barylmagyny üpjün etmek we TFF-nyň oňyn keşbini ösdürmek;

b) Konferensiýa we Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan kabul eden kararlaryny baş sekretariatyň üsti bilen durmuşa geçirmek;

ç) guramalaryň şu Tertipnamada görkezilen maksatlara ýetmegi üçin netijeli işlemegini üpjün etmek;

d) Baş sekretarýatyň işini gözegçilik astynda alyp barmak;

e) TFF we onuň agzalarynyň, FIFA-nyň, AFK-nyň, syýasy partiýalaryň we beýleki guramalaryň arasyndaky gatnaşyklar.

42.2. Diňe Başlyk Ýerine ýetiriji komitete Baş sekretaryň bellenilmegini teklip edip biler. Şeýle-de, Başlyk Ýerine ýetiriji komitete Baş sekretary wezipesinden boşadylmagyny hem teklip edip biler.

42.3. Başlyk Konferensiýanyn, Ýerine ýetiriji komitetiň ýygnaklaryna we ýolbaşçy bellenen komitetlerinde başlyklyk etmelidir.

42.4. Başlygyň Ýerine ýetiriji komitetde adaty ses bermäge hukugy bardyr.

42.5. Başlyk ýok bolan ýagdaýynda ýa-da elýeterli däl bolan ýagdaýynda, Başlygyň birinji orunbasary onuň wezipesini ýerine ýetirmelidir we ikisi ýok bolan ýagdaýynda ýa-da elýeterli däl bolan ýagdaýynda, Başlygyň ikinji orunbasary wezipäni ýerine ýetirmelidir.

42.6. Şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynyň 38.9-njy bendine laýyklykda Başlygyň wezipesi boş bolan ýagdaýynda, Başlygynyň birinji orunbasary indiki Konferensiýa

çenli wekilçilik etmelidir. Bu Konferensiýa galan möhleti üçin täze Başlygy saýlamalydyr.

42.7. Başlygyň islendik goşmaça ygtyýarlyklary TFF-nyň içerki guramaçylyk düzgünnamasynda beýan edilmelidir.

43-nji madda. Wekilçilik we gol

43.1. Başlyk, umuman, TFF-na wekilçilik edýär. Ýerine ýetiriji komitet, TFF-nyň Içerki guramaçylyk düzgünnamasynda wezipe eýeleriniň bilelikdäki goly barada ýörite düzgünleri kabul etmelidir.

Baş sekretariat

44-nji madda. Baş sekretariat

44.1. Baş sekretariat ýerine ýetiriji, iş we dolandyryş guramasy bolup, Baş sekretaryň ýolbaşçylygynda TFF-nyň işini ýerine ýetirmelidir. Baş sekretariatyň agzalary TFF-nyň Içerki guramaçylyk düzgünnamasyny berjaý etmeli we berlen wezipeleri ak ýürekden ýerine ýetirmelidir.

45-nji madda. Baş sekretar

45.1. Baş sekretar TFF-nyň baş ýerine ýetiriji müdiri bolup durýar.

45.2. Baş sekretar, kanunçylyga laýyklykda şertnama esasynda Başlygyň teklibi boýunça Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan bellenilmelidir we onuň zerur hünär derejesi we/ýa-da tejribesi bolmalydyr.

45.3. Baş sekretar aşakdakylara jogapkärdir:

a) Konferensiýa we Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan kabul edilen kararlary Başlygyň görkezmelerine laýyklykda ýerine ýetirmek;

b) Konferensiýa we Ýerine ýetiriji komitetiň, hemişelik we (wagtlaýyn) komitetleriň ýygnaklaryna gatnaşmak;

ç) Konferensiýany, Ýerine ýetiriji komitetiň we beýleki guramalaryň ýygnaklaryny guramak;

d) Konferensiýanyň, Ýerine ýetiriji komitetiň, hemişelik we (wagtlaýyn) komitetleriň ýygnaklarynyň teswirnamalaryny düzmek;

e) hasaplary dolandyrmak we ýöretmek;

ä) korrespondensiýany (hat alyşmagy) ýöretmek;

f) Başlygyň ýolbaşçylygynda agzalar, komitetler, FIFA we AFK bilen gatnaşyklary;

g) Baş sekretariaty gurnamak;

h) Baş sekretariatda işleýän işgärleri bellemek we olary işden boşatmak;

i) saýlaw komitetlerine saýlawlar üçin logistik we operatiw goldaw bermek.

45.4. Baş sekretara berlen islendik goşmaça jogapkärçilikler we borçlar TFF-nyň Içerki guramaçylyk düzgünnamasynda göz öňünde tutulmalydyr.

45.5. Baş sekretar Konferensiýanyň wekili ýa-da başga bir guramanyň agzasy bolmamalydyr.

46-njy madda. Hemişelik komitetler

46.1. Hemişelik komitetler şular bolup durýar:
a) Maliýe komiteti
b) Ýaryşlar komiteti
ç) Tehniki we ösüş komiteti
d) Eminler komiteti
e) Zenanlaryň futbol komiteti
ä) Oýunçylaryň ýagdaýy boýunça komiteti

46.2. Ýolbaşçylar, ýolbaşçylaryň orunbasarlary we hemişelik komitetleriň agzalary Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary bolup bilerler.

46.3. Her bir hemişelik komitetiň agzalary TFF-nyň Agzalarynyň ýa-da Başlygyň teklibi boýunça Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan bellenilmelidir. Ýolbaşçylar, ýolbaşçylaryň orunbasarlary we hemişelik komitetleriň agzalary wezipelerine dört ýyl möhlete bellenilmelidir. Olar Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan islendik wagt Konferensiýanyň razylygy bolmazdan bellenip ýa-da wezipesinden boşadylyp bilnerler.

46.4. Hemişelik komitetleriň agzalary degişli komitetleriň wezipelerini we borçlaryny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ukyba, bilime, başarnyga we tejribä eýe bolmalydyr. Ýerine ýetiriji komitet zenanlaryň we gyzyklanýan taraplaryň hemişelik komitetlerde wekilçilik etmegini üpjün etmelidir.

46.5. Her bir ýolbaşçy öz hemişelik komitetine wekilçilik etmelidir we Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanan TFF-nyň Içerki Guramaçylyk düzgünnamasynyň degişli düzgünlerine laýyklykda işini alyp barmalydyr.

46.6. Her bir ýolbaşçy, Baş sekretar bilen hyzmatdaşlykda ýygnaklaryň senesini kesgitlemelidir, ähli meseleleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidir we Ýerine ýetiriji komitetine hasabat bermelidir. Ýygnaklar şahsy ýa-da wideoşekilli-konferensiýa arkaly geçirilip bilner.

46.7. Ýerine ýetiriji komitet we her hemişelik komitet, ikinjisi (soň agzalany) Ýerine ýetiriji komitetiň razylygy bilen, zerur bolan halatynda gyssagly meseleleri çözmek üçin býuro we/ýa-da kömekçi komitet döredip biler, şu ýagdaýda kararlar häzirki zaman ýazmaça aragatnaşyk serişdeleri (e-poçta, habarlaşma programmalary) arkaly kabul edilip bilner. Býuronyň we/ýa-da kömekçi komitetiň islendik ara alyp maslahatlaşmalary we kararlary barada mümkin boldugyça gysga wagtyň içinde degişli hemişelik komitete habar berilmelidir.

46.8. Her bir hemişelik komitet Ýerine ýetiriji komitete TFF-nyň Içerki Guramaçylyk düzgünnamasynyň öz komitetine degişli bolan degişli düzgünlerine üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegi teklip edip biler.

47-nji madda. Maliýe komiteti

47.1. Maliýe komiteti TFF-nyň maliýe dolandyryşyna gözegçilik etmelidir we Ýerine ýetiriji komitete maliýe meseleleri we aktiwleri dolandyrmak boýunça maslahat bermelidir. Ol Baş sekretar tarapyndan taýýarlanan býudjet we maliýe hasabatlaryny seljermelidir we tassyklamak üçin Ýerine ýetiriji komitetine ibermelidir. Bu komitet ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr.

48-nji madda. Ýaryşlar komiteti

48.1. Ýaryşlar komiteti, şu Tertipnamanyň düzgünlerine we TFF-nyň ýaryşlaryna degişli düzgünlere laýyklykda TFF-nyň çäginde assosiýasiýa futboly, futzaly we Kenarýaka futboly boýunça islendik derejedäki ýaryşlary gurnamalydyr. Bu komitet ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr.

49-njy madda. Tehniki we ösüş komiteti

49.1. Tehniki we ösüş komiteti, ilkinji nobatda, futbol türgenleşiginiň we futbolda tehniki ösüşiniň esasy taraplaryny seljermelidir. Şeýle hem, TFF-nyň ösüş maksatnamalaryna, degişli strategiýalaryň işläp düzülmegine we teklip edilmegine, bu strategiýalara gözegçilik etmäge we TFF-nyň Agzalaryna berilýän goldawy we meýilnamalary seljermäge we umuman tehniki we ösüş meseleleri boýunça Ýerine ýetiriji komitetine maslahat bermäge jogapkärdir. Bu komitet ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr.

50-nji madda. Eminler komiteti

50.1. Eminler komiteti Oýun kadalaryny, Futzal oýun kadalaryny we kenarýakaýaka futbol oýun kadalaryny durmuşa geçirmelidir. TFF tarapyndan gurnalan ýaryşlarda eminleri bellemelidir, administrasiýa bilen hyzmatdaşlykda TFF-de eminlik meselelerini çözmelidir we eminleriň bilimine we taýýarlygyna gözegçilik etmelidir. Eminlik gurnamak, düzgünleşdirmek we ösdürmek üçin jogapkär bolup durýar. Ol agza birleşigiň aýratyn gözegçiliginde bolmalydyr we hiç bir ýagdaýda ligalar ýa-da hökümet (Parlament we beýleki döwlet edaralaryny goşmak bilen) ýaly beýleki guramalaryň gözegçiliginde ýa-da gözegçilik astynda bolmaly däldir.

50.2. Eminler komitetiniň ýolbaşçy, ýolbaşçyň orunbasary we üç (3) agzalary bilen diňe öz degişli içerki ýaryşynyň iň ýokary derejesinde işlän öňki eminler toparyndan ybarat bolmalydyr. Olar haýsydyr bir klublara, ligalara, beýleki futbol guramalaryna ýa-da kärdeşler arkalaşygy, agzalyk topary we ş.m. ýaly emin guramalaryna degişli bolmazlar. Hereket edýän eminler toparynyň agzalary haýsydyr bir eminler komitetiniň agzasy bolmaga bilmezler.

50.3. Eminler komitetiniň ýolbaşçy, ýolbaşçyň Ýerine ýetiriji komitetiň agzasy bolup biler, emma öňki ýokary derejeli eminler toparynyň agza bolmalydyr.

50.4. Ýolbaşçynyň orunbasary we Eminler komitetiniň beýleki agzalary Eminler komitetiniň ýolbaşçynyň teklibi boýunça Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan bellenilmelidir.

51-nji madda. Zenanlaryň futbol komiteti

51.1. Zenanlaryň futbol komiteti TFF-nyň zenanlaryň futbol boýunça ýaryşlaryny gurnamalydyr we zenanlaryň futboly bilen baglanyşykly ähli meseleler bilen meşgullanmalydyr. Bu komitet ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr, şulardan azyndan iki (2) zenan bolmalydyr.

52-nji madda. Oýunçylaryň ýagdaýy boýunça komiteti

52.1. Oýunçylaryň ýagdaýy boýunça komiteti, FIFA-nyň Oýunçylaryň ýagdaýy we geçirilmegi (transfer) baradaky düzgünnamasyna laýyklykda transfer (bir topardan başga topara geçmegi) düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmelidir we TFF-nyň dürli ýaryşlary üçin oýunçylaryň ýagdaýyny kesgitlemelidir. Ýerine ýetiriji komitet, Oýunçylaryň ýagdaýy boýunça komitetiniň ýurisdiksiýa ygtyýarlyklaryny düzgünleşdirýän ýörite düzgünleri tassyklap biler. Oýunçylaryň ýagdaýy boýunça komiteti ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr.

52.2. TFF, onuň agzalary, klublary, oýunçylary, wezipeli adamlary, ygtyýarly oýun agentleri we futbol agentleri bilen baglanyşykly oýunçylaryň ýagdaýy bilen bagly jedeller iň soňky ýagdaýda SAK tarapyndan şu Tertipnama laýyklykda we hereket edýän milli kanunçylyga laýyklykda çözülmelidir.

53-nji madda. Ýörite (wagtlayýn) komitetler

53.1. Ýerine ýetiriji komitet ýörite wezipeler we çäkli wagt üçin ýörite (wagtlayýn) komitetleri döredip biler. Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan ýolbaşçy, ýolbaşçyň orunbasary we degişli agzalar bellenilmelidir. Ýörite (wagtlayýn) komitetleriň wezipeleri we borçlary Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan tassyklanan ýörite düzgünnamalarda kesgitlenilmelidir. Ýörite (wagtlayýn) komitetler göni Ýerine ýetiriji komitete hasabatly bolup durmalydyrlar.

Kluby ygtyýarlandyryş guramalary

54-nji madda. Kluby ygtyýarlandyryş guramalar

54.1. Kluby ygtyýarlandyryş guramalar, TFF-nyň we AFK-nyň Klub ygtyýarlandyryş düzgünlerine laýyklykda TFF-da kluby ygtyýarlandyrýan ulgam boýunça jogapkär bolmalydyr.

54.2. Kluby ygtyýarlandyryş guramalar birinji derejeli guramadan we şikaýat

guramadan ybaratdyr.

54.3. Kluby ygtyýarlandyryş şikaýat guramasy tarapyndan kabul edilen kararlar, şu Tertipnamadaky düzgünlere laýyklykda SAK-a şikaýat edilip bilnerler.

Garaşsyz komitetler

55-nji madda. Institusional garaşsyzlyk

55.1. Garaşsyz komitetler we olaryň aýry-aýry agzalary öz işlerini düýbünden garaşsyz alyp barmalydyr we borçlaryny düýbünden garaşsyz ýerine ýetirmelidir, emma hemişe TFF-nyň bähbidine we onuň Tertipnamasyna we düzgünnamalaryna laýyklykda.

55.2. Garaşsyz komitetleriň ýolbaşçylary, ýolbaşçylarynyň orunbasarlary we agzalary, Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi boýunça Konferensiýa tarapyndan tassyklanylmalydyr we diňe Konferensiýa tarapyndan wezipelerinden boşadylyp bilinmelidir. Olar başga bir TFF-nyň guramasynyň agzalary bolmaly däldirler.

55.3. Garaşsyz komitetleriň ähli agzalarynyň ygtyýarlyk möhleti (mandaty) dört (4) ýyl dowam etmelidir. Olar gaýtadan saýlanyp bilnerler.

55.4. Gözegçilik we laýklyk komitetiniň ýolbaşçylary, ýolbaşçylarynyň orunbasarlary we agzalary, saýlaw komitetleriniň agzalary, şeýle hem jedelleri baradaky guramalarynyň ýolbaşçylary we ýolbaşçylarynyň orunbasarlary aşakdaky

55.5 bentde kesgitlenen garaşsyzlyk ölçeglerine laýyk gelmelidir.

55.5. Ýokardaky 51.4 bentde agzalan şahslar, şeýle hem olaryň ýakyn maşgala agzalarynyň islendik biri, başlangyç möhletinden öňki dört (4) ýylyň dowamynda TFF-da, TFF-nyň agzalarynyň birinde, ligasynda ýa-da klubynda (şol sanda şoňa degişli kompaniýalaryň/guramalaryň haýsydyr biri) hiç hili ýerine ýetiriş wezipesini eýeläp bilmeýärler we eýeläp bilmeli däldiler, we başlangyç möhletinden öňki dört (4) ýylyň dowamynda TFF, TFF-nyň agzalarynyň biri, ligasy ýa-da kluby bilen (şol sanda şoňa degişli kompaniýalaryň/guramalaryň haýsydyr biri) hiç bir maddy iş gatnaşyklarynda bolmaly däldirler we bolup bilmeli däldiler. "Ýakyn maşgala agzasy", şahsa, şeýle şahsyň ýanýoldaşyny ýa-da ýerli hyzmatdaşyny, doganlaryny, ene-atalaryny, enelerini, daýylaryny, daýzalaryna, çagalaryna (şol sanda islendik öweý çagany ýa-da ogullyga alnan çagany), agtyklaryny, giýewsini, gelnini, gaýyn atasyny ýa-da gaýyn enesini aňladýar, şol sanda gan bilen ýa-da başgaça şol sahs bilen maşgala garyndaşlykda bolup, haýsysy üçin şol sahs maddy goldawy berýär.

55.6. Garaşsyz komitetleriň ýolbaşçylary, ýolbaşçylarynyň orunbasarlary we agzalary saýlanmazdan ýa-da gaýtadan saýlanmazdan ozal Saýlaw komiteti tarapyndan geçiriljek ak ýüreklilik barlagyndan geçmelidirler.

56-njy madda. Gözegçilik we laýyklyk komiteti

56.1. Gözegçilik we laýyklyk komiteti ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we üç (3) agzalardan ybarat bolmalydyr. Onuň agzalary maliýe we/ýa-da kadalaşdyryjy

we hukuk meselelerinde bilimli we tejribeli bolmalydyr we TFF-nyň işine täsir edýän haýsydyr bir karara gatnaşyp bilmezler.

56.2. Gözegçilik we laýyklyk komiteti, TFF-nyň maliýe we laýyklyk meselelerine gözegçilik etmekde Ýerine ýetiriji komitete maslahat bermelidir, ýardam bermelidir we gözegçilik etmelidir, ýerine ýetiriş mehanizmlerini döretmelidir we TFF-nyň degişli düzgünnamalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmelidir. Şeýle hem, baş sekretariaty maliýe we laýyklyk meseleleri babatynda gözegçilik astynda saklamalydyr. Gözegçilik we laýyklyk komiteti maliýe hasabatynyň dolulygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmelidir we jemleýji maliýe hasabatlaryny we garaşsyz we daşyndan çagyrylan auditoryň hasabatyny gözden geçirmelidir. Gözegçilik we laýyklyk komiteti mundan başga-da TFF-nyň maliýe we laýyklyk meselelerine mundan beýläkde gözegçilik etmelidir we degişli guramalaryna şeýle gözegçiliginiň netijesinde zerur hasaplaýan islendik çäräni teklip etmelidir. Gözegçilik we laýyklyk komiteti, baş sekretariatyň goldawy bilen TFF-nyň çäginde laýyklyk maksatnamasyny durmuşa geçirmelidir.

56.3. Gözegçilik we laýyklyk komitetiniň jogapkärçilikleri, içerki hyzmatdaşlygy we beýleki iş ýörediş meseleler barada jikme-jiklikler TFF-nyň Içerki guramaçylyk düzgünnamasynda göz öňünde tutulandyr.

56.4. Eger-de ýolbaşçy, ýolbaşçyň orunbasary ýa-da Gözegçilik we laýyklyk komitetiniň agzasy, iş möhletinde resmi wezipesini hemişelik ýerine ýetirmegi bes etse, Ýerine ýetiriji komitet indiki Konferensiýa çenli wezipäni ýerine ýetirjek adamy bellemelidir.

57-nji madda. Saýlaw komitetleri

57.1. Saýlaw komitetleri TFF-nyň Saýlaw kodeksine laýyklykda saýlaw tertibini gurnamak we oňa gözegçilik astynda saklamak üçin jogapkär guramalary bolup durýarlar. Saýlaw komitetleri Saýlaw komitetinden (birinji derejeli gurama) we Saýlaw şikaýat komitetinden (ikinji derejeli gurama) ybaratdyr.

57.2. Saýlaw komitetleriniň düzümi we wezipeleri TFF-nyň Saýlaw kodeksi bilen dolandyrylýar.

58-nji madda. TFF-nyň jedelleri baradaky guramalary

58.1. TFF-nyň jedelleri baradaky guramalary şular bolup durýar:

a) Düzgün-tertip we ahlak komiteti;

b) Şikaýat komiteti.

58.2. Jedelleri baradaky guramalary, hemme agzalary öz wezipeleriniň we borçlarynyň wagtynda ýerine ýetirmek üçin zerur bolan bilimlere, başarnyklara we hünärmen tejribesine eýe bolar ýaly düzümden ybarat bolmalydyrlar. Jedelleri baradaky guramalarynyň ýolbaşçylarynyň we ýolbaşçylarynyň orunbasarlarynyň hukuk iş bilen meşgullanmaga hukugy bolmalydyr.

58.3. Eger-de ýolbaşçy, ýolbaşçyň orunbasary ýa-da jedelleri baradaky

guramasynyň agzasy, iş möhletinde resmi wezipesini hemişelik bes etse, Ýerine ýetiriji komitet indiki Konferensiýa çenli wezipäni ýerine ýetirjek adamy bellemelidir; Konferensiýa bolsa galan döwür üçin degişli jedelleri baradaky guramasynyň täze agzasyny bellemelidir.

58.4. Jedelleri baradaky guramalarynyň jogapkärçiligi we wezipesi TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksinde beýan edilmelidir.

59-njy madda. Düzgün-tertip we ahlak komiteti

59.1. Düzgün-tertip we ahlak komiteti ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we Düzgün-tertip we ahlak kodeksinde kesgitlenen beýleki agzalaryň zerur sanyndan ybarat bolmalydyr.

59.2. Düzgün-tertip we ahlak komitetiniň işi TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksi bilen dolandyrylmalydyr.

59.3. Düzgün-tertip we ahlak komiteti şu Tertipnamada we TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksinde agzalan sanksiýalary Agzalara, wezipeli adamlara, oýunçylara, klublara, ygtyýarly oýun agentlerine we futbol agentlerine yglan edip biler.

59.4. Bu düzgünler, Konferensiýanyň we Ýerine ýetiriji komitetiň Agzalaryň togtadylmagy we çykarylmagy babatdaky ygtyýarlyklaryna täsir etmeýär.

59.5. Ýerine ýetiriji komitet, FIFA-nyň Düzgün-tertip kodeksinde we FIFA-nyň Ahlak kodeksinde göz öňünde tutulan ýörelgelere laýyklykda TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksini çykarmalydyr.

60-njy madda. Şikaýat komiteti

60.1. Şikaýat komiteti ýolbaşçydan, ýolbaşçyň orunbasaryndan we Düzgün-tertip we ahlak kodeksinde kesgitlenen beýleki agzalaryň zerur sanyndan ybarat bolmalydyr.

60.2. Şikaýat komitetiniň işi TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksi bilen dolandyrylmalydyr.

60.3. Şikaýat komiteti, TFF-nyň degişli düzgünleri bilen gutarnykly yglan edilmedik Düzgün-tertip we ahlak komitetiniň kararlaryna garşy şikaýatlary diňlemek üçin jogapkärdir.

60.4. Şikaýat tarapyndan çykarylan kararlary şu Tertipnamanyň düzgünlere laýyklykda diňe SAK-a iberilip bilnerler.

VI. DÜZGÜN-TERTIP ÇÄRELERI

61-nji madda. Düzgün-tertip çäreleri

Düzgün-tertip çäreleri ilkinji nobatda sulardyr:

61.1. şahslar we ýuridik taraplar üçin:

a) duýduryş;

b) käýinç;

ç) jerime;
d) baýraklaryň yzyna gaýtarylmagy.
62.2. şahslar üçin:
a) duýduryş;
b) cykarylmak;
ç) oýundan togtatmak;
d) geýim çalşyrylýan otaglarynda bolmaga we/ýa-da ätiýaçlaryň oturgyjynda otyrmaga gadaganlyk;
e) stadiona girmegi gadagan etmek;
ä) futbol bilen baglanyşykly islendik çärä gatnaşmagy gadagan etmek;
f) jemgyýetçilik işi;
g) berjaý etmek boýunça okuw.
63.3. Ýuridik taraplar üçin:
a) geçmek (transfer) gadaganlygy;
b) tomaşaçysyz oýun oýnamak;
ç) bitarap territoriýada oýun oýnamak;
d) belli bir stadionda oýnamagy gadagan etmek;
e) oýnuň netijesiniň ýatyrylmagy;
ä) ýaryşdan çykarmak;
f) jerime;
g) ballary aýyrmak;
h) aşaky bölüme geçmek;
i) bir oýny gaýtadan oýnamak.

VII. ARBITRAŽ

62-nji madda. Arbitraž (Araçy) tribunal

62.1. TFF-nyň içindäki jedeller ýa-da TFF-nyň Agzalaryna, ligalara, ligalaryň agzalaryna, klublaryna, klublaryň agzalaryna, oýunçylara we wezipeli adamlara täsir edýän jedeller, diňe iň soňky ýagdaýda TFF-nyň içindäki ähli içerki serişdeleri (kanallary) tamamlanylandan soň SAK-a geçirilip bilner we ol Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy bilen göni gadagan edilmedik ýagdaýynda, adaty kazyýeti goşmazdan jedeli anyk çözmelidir.

62.2. FIFA ýa-da AFK-nyň Tertipnamasyndan, düzgünnamalaryndan, görkezmelerinden we kararlaryndan gelip çykýan ýa-da olar bilen baglanyşykly halkara ölçegdäki jedeller FIFA-nyň we AFK-nyň Tertipnamasynda görkezilişi ýaly diňe soňky ýagdaýda SAK-a iberilip bilner.

63-nji madda. Ýursidiksiýa

63.1. TFF içerki milli jedellerde, ýagny TFF-na degişli ýa-da dahylly taraplaryň arasyndaky jedellerde, ýurisdiksiýa eýe bolmalydyr.

63.2. Degişli düzgünnamalara laýyklykda FIFA we/ýa-da AFK halkara jedellerde, ýagny dürli assosiasiýalara we/ýa-da konfederasiýalara degişli taraplaryň arasyndaky jedellerde ýurisdiksiýa eýe bolmalydyr.

63.3. TFF we onuň ýurisdiksiýasyna degişli bolan hemmesiniň, FIFA-nyň, AFK-nyň guramasy ýa-da SAK tarapyndan kabul edilen gutarnykly kararyny doly berjaý etmegini üpjün etmelidir.

VIII. MALIÝE

64-nji madda. Maliýe döwri

64.1. TFF-nyň maliýe döwri bir ýyl bolup, 1-nji ýanwarynda başlap we 31-nji dekabrynda tamamlanmalydyr.

64.2. TFF-nyň girdejileri we çykdajylary, maliýe döwründe deňagramlylygy saklamak maksady bilen dolandyrylmalydyr. TFF-nyň geljekdäki esasy wezipeleri ätiýaçlyklary döretmek arkaly kepillendirilmelidir.

64.3. Baş sekretar, TFF-nyň we onuň golçur kärhanalarynyň (şahamçalarynyň) bilelikdäki jemleýji yyllyk hasabatlaryny yylyň dekabr ayynyň 31-i ýagdaýyna düzmek üçin jogapkärdir.

65-nji madda. Girdeji

65.1. TFF-nyň girdejileri şulardan ybarat:

a) agzalaryň ýyllyk gatançlary;

b) TFF-nyň hukugy bolan hukuklarynyň marketingi netijesinde alynan girdejiler;

ç) ygtyýarly guramalar tarapyndan salynýan jerimeler;

d) TFF-nyň öňe süren maksatlaryna laýyklykda beýleki gatançlar we girdejiler;

e) haýyr-sahawatlar;

ä) futbol işleri bilen baglanyşykly islendik beýleki girdeji;

g) FIFA-dan we AFK-dan maliýeleşdirmesi.

66-njy madda. Çykdajylar

66.1. TFF-nyň çykdajylary şulardan ybarat:

a) býüjetde göz öňünde tutulan çykdajylar;

b) Konferensiýa tarapyndan tassyklanan çykdajylar we Ýerine ýetiriji komitetiň ygtyýarlyklarynyň çäginde çekmäge hukugy bolan çykdajylary;

ç) TFF-nyň öňe süren maksatlaryna laýyklykda beýleki ähli çykdajylar.

67-nji madda. Garaşsyz we daşyndan çagyrylan auditorlar

67.1. Konferensiýa tarapyndan bellenen garaşsyz we daşyndan çagyrylan auditorlar her ýyl Ýerine ýetiriji komitet tarapyndan degişli hasapçylyk ýörelgelerine laýyklykda tassyklanan hasaplary barlamalydyrlar we Konferensiýa hasabat

bermelidirler. Garaşsyz we daşyndan çagyrylan auditorlar dört ýyl möhlet bilen bellenilmelidir. Olaryň ygtyýarlyk möhleti (mandaty) täzelenip biler.

68-nji madda. Agzalyk gatançlary

68.1. Agzalyk gatançlary her ýylyň 30-njy ýanwaryna çenli tölenilmelidir. Täze agzalar üçin seredilýän ýyl üçin ýyllyk gatançlary, olaryň kabul edilen Konferensiýa ýapylandan soň otuz (30) günüň dowamynda tölenmelidir.

68.2. Konferensiýa Ýerine ýetiriji komitetiň teklibi bilen her iki (2) ýylda ýyllyk ýyllyk gatanjynyň möçberini kesgitlemelidir. Onuň möçberi her agza üçin birmeňzeş bolmalydyr we 500 türkmen manadyndan köp bolmaly däldir.

69-njy madda. Hasaplaşyklar

69.1. TFF talaplary çözmek üçin islendik agzanyň aktiwlerinden we hasaplaryndan serişdeleri debit edip biler.

70-nji madda. Ýygymlar

70.1. TFF oýunlar üçin agzalary tarapyndan ýygym tölenmegini talap edip biler.

71-nji madda. Maliýe maglumatlarynyň neşir edilmegi

71.1. Konferensiýa tarapyndan degişli resminamalary tassyklanandan soň, TFF öz resmi web sahypasynda şu Tertipnamanyň 33-nji maddasynyň 2-nji bendiniň h), i) we j) kiçi bentlerinde görkezilen maliýe resminamalaryny goýmalydyr.

71.2. Ýerine ýetiriji komitetiň agzalarynyň (şol sanda Başlygy), Baş sekretariň we garaşsyz komitetleriň agzalarynyň haklary hem köpçülige açyk bolmalydyr (meselem, TFF-nyň resmi web sahypasy arkaly).

IX. ÝARYŞLAR WE ÝARYŞLARDA WE ÇÄRELERDE HUKUKLAR

72-nji madda. Ýaryşlar

72.1. TFF öz çäginde geçirilýän aşakdaky resmi ýaryşlary gurnamalydyr we utgaşdyrmalydyr:

a) Ýokary liga futbol klublarynyň arasyndaky Türkmenistanyň çempionaty.

b) Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy.

ç)Ýokary ligasynyň klublarynyň ýanyndaky ýaşlar (dublýorlar) toparlarynyň arasyndaky Türkmenistanyň Birinjiligi.

d) Türkmenistanyň Birinji ligasy.

e) Zenanlaryň arasynda futbol boýunça Türkmenistanyň çempionaty.

f) Zenanlaryň arasynda futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy.

g) Türkmenistanyň Naýbaşy futzal ligasy.

h) Zenanlaryň arasynda futzal boýunça çempionaty.

i) Zenanlaryň arasynda futzal boýunça Türkmenistanyň Kubogy.

72.2. Ýerine ýetiriji komitet TFF-nyň garamagyndaky ligalaryna ýaryşlary gurnamak hukugyny berip biler (meselem, dogry we hemmetaraplaýyn ylalaşyk arkaly). Ligalar tarapyndan gurnalan ýaryşlar TFF-nyň tarapyndan gurnalan ýaryşlara päsgel bermeli däldir. TFF-nyň tarapyndan gurnalan ýaryşlar ileri tutulmalydyr.

72.3. Ýerine ýetiriji komitet bu maksat bilen ýörite düzgünnamalary çykaryp biler.

73-nji madda. Kluby ygtyýarlandyrmak

73.1. Ýerine ýetiriji komitet, AFK-nyň we FIFA-nyň tarapyndan döredilen klub ygtyýarnama ulgamynyň iň az talaplaryna laýyklykda klublaryň TFF-nyň we AFK-nyň ýaryşlaryna gatnaşmagyny düzgünleşdirýän klub ygtyýarnama ulgamy bilen baglanyşykly düzgünnamalary çykarmalydyr.

74-nji madda. Hukuklar

74.1. TFF we onuň Agzalary, mazmuny, wagty we ýeri babatynda hiç hili çäklendirmesiz, özüne degişli ygtyýarlyklaryna girýän ýaryşlardan we beýleki çärelerden gelip çykýan ähli hukuklaryň hakyky eýeleri bolup durýandyr. Bu hukuklar, beýlekiler bilen bir hatarda, her dürli maliýe hukuklaryny, ses-wizual we radio ýazgylaryny, köpeltmek we ýaýlym hukuklaryny, multimediýa hukuklaryny, marketing we mahabat hukuklaryny we nyşanlar ýaly maddy däl hukuklaryny we awtorlyk hukugy kanunlarynda ýüze çykýan hukuklaryny öz içine alýär.

74.2. Bu hukuklaryň nähili we näderejede ulanylýandygy barada Ýerine ýetiriji komitet karar bermelidir we bu maksat bilen ýörite düzgünnamalar işläp düzülmelidir. TFF şeýle hukuklaryň satylmagy TFF-nyň Tertipnamasyna we düzgünnamalaryna şeýle hem hökmany milli kanunlaryna laýyklykda açyk (aýdyn) usulda amala aşyrylýandygyny üpjün etmelidir.

75-nji madda. Ýaýratmaga bolan ygtyýarlyk

75.1. Diňe TFF we onuň Agzalary, özüne degişli ygtyýarlyklaryna girýän futbol oýunlarynyň we çäreleriň suratlaryny, seslerini we beýleki maglumat göterijilerini hiç hili çäklendirmesiz paýlamaga rugsat bermek üçin jogapkärdir.

75.2. Ýerine ýetiriji komitet bu maksat üçin ýörite düzgünnamalar çykarmalydyr.

X. HALKARA OÝUNLAR WE ÝARYŞLAR

76-njy madda. Halkara oýunlar we ýaryşlar

76.1. Wekilçilikli toparlaryň arasynda we ligalaryň, klub toparlarynyň ýa-da tiz

toplanan toparlarynyň arasynda halkara oýunlary we ýaryşlary gurnamak ygtyýary diňe FIFA, konfederasiýalara we degişli assosiasiýalara degişlidir. Halkara oýunlary dolandyrýan FIFA-nyň Tertipnamasyna laýyklykda FIFA-nyň, konfederasiýalaryň we assosiasiýalaryň deslapky rugsady bolmazdan şeýle oýuny ýa-da ýaryşy geçirip bolmaz.

76.2. FIFA-nyň tarapyndan düzülen halkara oýun senenamasy TFF-nyň tarapyndan berjaý edilmelidir.

77-nji madda. Aragatnaşyklar

77.1. TFF, onuň Agzalary, oýunçylary, wezipeli adamlar, ygtyýarly oýun agentleri we futbol agentleri, FIFA-nyň rugsady bolmazdan FIFA-nyň agzalary ýa-da konfederasiýanyň wagtlaýyn agzalary bolmadyk assosiasiýalar bilen oýun oýnap ýa-da sport aragatnaşyk gurup bilmezler.

78-nji madda. Makullama

78.1. TFF bilen baglanyşykly klublar, ligalar ýa-da klublaryň başga bir topary diňe TFF-nyň, beýleki assosiasiýanyň, degişli konfederasiýasyň (konfederasiýalaryň) we FIFA-nyň rugsady bilen başga assosiasiýa goşulyp bilerler.

78.2. TFF bilen baglanyşykly klublar, ligalar ýa-da klublaryň başga bir topary, FIFA-nyň Halkara oýunlaryny dolandyrýan düzgünnamasyna laýyklykda TFF-nyň, beýleki assosiasiasiýanyň, FIFA-nyň we degişli konfederasiýasyň (konfederasiýalaryň) rugsady bolmazdan başga assosiasiýanyň çägindäki ýaryşlara gatnaşyp bilmezler.

XI. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

79-njy madda. Garaşylmadyk we ýeňip geçip bolmajak güýjüň ýagdaýlary

79.1. Ýerine ýetiriji komitet, ýeňip geçip bolmajak güýjüň ähli ýagdaýlar we şu Tertipnamada göz öňünde tutulmadyk ähli meseleler boýunça karar bermäge haklydyr; şeýle kararlar FIFA-nyň we AFK-nyň degişli düzgünnamalaryny, şeýle hem hökmany kanunlary göz öňünde tutmalydyr.

80-nji madda. Içerki resminamalary köpçülige elýeterli etmek

80.1. TFF öz resmi web sahypasynda aşakdaky resminamalary we maglumatlary elýeterli etmelidir:

a) Konferensiýanyň Tertipnamasy we Hemişelik buýruklary;
b) Saýlaw kodeksi;
ç) Düzgün-tertip we ahlak kodeksi;
d) Içerki guramaçylyk düzgünnamasy;
e) iň möhüm kararlar;

f) strategiýasy;
g) Ýerine ýetiriji komitetiň we Konferensiýanyň ýygnaklarynyň gün tertibi;
h) buýruk hatlary.

81-nji madda. Ýatyrmak

81.1. TFF-ny ýatyrmak bilen baglanyşykly islendik karar, TFF-nyň ähli agzalarynyň üçden ikisiniň köplügini talap edýär we bu karar şu maksat üçin ýörite çagyrylan Konferensiýada kabul edilmelidir.

81.2. TFF ýatyrylan ýagdaýynda, emläkleri Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetine geçiriler. TFF täzeden döredilýänçä, degişli hünär borçlaryna laýyklykda ynamdar hökmünde agzalan emläkleri dolandyrmalydyr. Emma, soňky Konferensiýa, üçden iki köplügiň esasynda emläkleri üçin başga bir alyjyny saýlap biler.

82-nji madda. Durmuşa geçirilmek

82.1. Şu Tertipnama 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Aşgabat şäherinde Konferensiýada kabul edildi we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda güýje girýär.

83-nji madda. Geçiş düzgünleri

83.1. Şu Tertipnamanyň 12-nji maddasynda kesgitlenişi ýaly agzalara, şu Tertipnamanyň kabul edilmeginden başlap, Şu Tertipnamanyň 13-nji maddasynyň 13.2 bendinde, şeýle hem 16-njy maddasynyň 16.1 bendiniň f), g), j), m) we n) kiçi bentlerinde beýan edilen hökmany talaplary ýerine ýetirmek üçin on iki (12) aý möhlet berilýär. Ýokarda agzalan möhletde bu talaplaryň hemmesini ýerine ýetirmeýän islendik agza Konferensiýada ses bermek hukugyny awtomatiki ýitirmelidir we kworum döredilende agzalan agzanyň wekilleri hasaba alynmaz. Agzalan agza diňe şu bentde görkezilen borçlaryny doly ýerine ýetireninden soň Konferensiýada ses bermek hukugyny gaýtadan almalydyr.

83.2. Şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynyň 1-nji bentde kesgitlenen Ýerine ýetiriji komitetiň düzümi diňe şu Tertipnama kabul edilenden soň Konferensiýa tarapyndan saýlanan Ýerine ýetiriji komitet üçin ulanylmalydyr.

83.3. Şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynyň 38.2 bentde beýan edilen akýüreklilik barlagyndan geçmek talaby we şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynda kesgitlenen kriteriýalar, şu Tertipnama kabul edilen pursadynda bolan Ýerine ýetiriji komitetiň agzalaryna degişli däldir, emma şu Tertipnamanyň kabul edilenden soň Ýerine ýetiriji komitete haýsydyr bir wezipä dalaş edýän islendik dalaşgär tarapyndan berjaý edilmelidir.

83.4. Şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynyň 38.4 bentde kesgitlenilen möhlet çäkleri diňe şu Tertipnama kabul edilenden soň geçiriljek Ýerine ýetiriji komitetiň agzalarynyň saýlawlaryndan bäri ulanylmalydyr.

83.5. Şu Tertipnamanyň 38-nji maddasynyň 38.4 bentde göz öňünde tutulan futbolda eýýäm işjeň bolmak talaby, şu Tertipnama kabul edilenden soň geçiriljek Ýerine ýetiriji komitetiň ilkinji saýlawlary mynasybetli Ýerine ýetiriji komitetiň agzalygyna dalaş edýän zenan dalaşgärlere degişli däl bolmalydyr.

83.6. Bu Tertipnama kabul edilenden soň, Ýerine ýetiriji komitet şu Tertipnamanyň 46-dan 53-nji maddalarynda kesgitlenen Hemişelik komitetleriň agzalaryny bellemelidir.

83.7. Şu Tertipnama kabul edilenden soň on iki (12) aýyň içinde, Konferensiýa şu Tertipnamanyň 56-dan 61-nji maddalarynda kesgitlenen garaşsyz komitetleriň degişli agzalaryny saýlamalydyr. Şol döwürde, Konferensiýa şu Tertipnamanyň 56-njy maddasynyň 56.5 bendinde görkezilen garaşsyzlyk şertlerine laýyk gelmeýän garaşsyz komitetleriň degişli agzalaryny hem wezipesinden boşatmalydyr we wezipeleri doldurmak üçin degişli agzalary saýlamalydyr.

83.8. TFF-nyň şu Tertipnama kabul edilen gününden başlap, TFF-nyň ähli düzgünnamalarynyň, kodeksleriniň ýa-da beýleki degişli hukuk resminamalarynyň şu Tertipnamanyň düzgünlerine laýyk gelmegini üpjün etmek üçin bir (1) ýyl möhleti bolmalydyr.

Aşgabat ş., 2024-nji ýylyň 30-njy sentýabry

Türkmenistanyň Futbol
federasiýasynyň başlygynyň w.w.ý.ý. **R.Garajaýew**

Türkmenistanyň Futbol
federasiýasynyň Baş sekretarynyň w.w.ý.ý. **M.Seýitgulyýew**

GOŞUNDY A - AKÝÜREKLILIGI BARLAMAK ÜÇIN SOWALNAMA

1-nji bölüm: Umumy düzgünler

1. TFF-da resmi wezipelerine dalaşgärler we şol wezipeleri eýeleýänler babatynda akýüreklilik barlaglary ("dalaşgärler" ýa-da "wezipäni eýeleýänler") degişli gurama tarapyndan şu Tertipnamanyň we şu goşundynyň düzgünlerine laýyklykda geçirilmelidir.
2. Dalaşgärler ýa-da wezipeleri eýeleýänler aşakdaky 2-nji we 3-nji bölümlerde görkezilişi ýaly barlag (skrining) we özüň barada maglumaty açmak prosesini berjaý etmäge borçludyrlar. Barlagdan (skriningden) öň, her bir dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän, akýürekliligi barlaýan degişli gurama tarapyndan berlen görnüş arkaly bu prosese ýazmaça razylyk bermelidir. Şeýle ýazmaça razylyk berilmedik bolsa, dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän akýüreklilik barlagyndan geçmedik diýip hasaplanmalydyr.
3. Dalaşgärler ýa-da wezipäni eýeleýänler hemişe ak ýürekden hereket etmelidirler we degişli habarnamalar bilen degişli maglumatlary kesgitlemek üçin doly hyzmatdaşlyk etmelidirler. Dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän akýürekliligi barlamak üçin ygtyýarly gurama bilen hyzmatdaşlyk etmedik ýagdaýynda, dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän akýüreklilik barlagyndan geçmedik diýip hasaplanmalydyr.
4. Dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän akýüreklilik barlagyndan geçmedik diýip hasaplanmalydyr, eger dalaşgär:
a) döwlet kazyýeti tarapyndan jenaýat jogapkärçiligine ýa-da düzgün-tertip temmilerine sezewar edilen bolsa, hususan-da bu jenaýat düýpli mesele bolup, ownuk hukuk bozulmalary ýa-da prosessual bozulmalary däl ýagdaýynda;
b) FIFA-nyň Ahlak komiteti ýa-da beýleki sport guramasy tarapyndan degişli wezipesinden boşadylmagyna çynlakaý şübhe döredýän sanksiýa bilen günäkär edilen ýa-da höküm edilen bolsa.
5. Şu goşundy laýyklykda akýürekliligi barlaglarynyň çäginde alnan maglumatlaryň we degişli maglumatlaryň aýan edilmegi we iberilmegi bilen baglanyşykly degişli düzgünleri nazara almak bilen, ähli şeýle maglumatlar we degişli maglumatlar degişli akýürekliligi barlaýan gurama tarapyndan berk gizlin hasaplanmalydyr.

2-nji bölüm: Barlag (skrining) prosesi

1. Barlag işiniň başynda her bir dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän şahsyýet barlagyndan geçmelidir ("Şahsyýet (ID) barlagy"). Bu nukdaýnazardan, dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän akýürekliligi barlamak üçin pasportynyň asyl nusgasyny şu soraga jogapkär bolup durýan gurama tabşyrmalydyr. Şahsyýetnamany barlamak aşakdaky elementleri barlamagy/kesgitlemegi öz içine alýar:
1) ady (atlary) we familiýasy (familiýalary);
2) ýaşaýan ýeriniň salgysy;
3) doglan senesi we ýeri;
4) milleti/milletler.
2. Her bir dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän aşakda 3-nji bölümde görkezilen sowalnamany doldurmalydyr.
3. Akýürekliligi barlamak boýunça jogapkär gurama belli bir dalaşgär ýa-da wezipäni eýeleýän barada, şol sanda araçy we degişli taraplar, mandatlar, bolup biljek bähbitleriň gapma-garşylyklary we maddy gatnaşygy ähmiýetli gatnaşmalar, şeýle hem raýat we jenaýat işlerine/derňewlere gatnaşandygy barada öz içine alyp biljek goşmaça degişli maglumatlary almak üçin garaşsyz barlag we/ýa-da derňew geçirip biler.

3-nji bölüm: Sowalnama

Ady (atlar):	
Familiýasy (familiýalar):	
Ýaşaýan ýeriniň salgysy:	
Doglan senesi we ýeri:	
Milleti/milletler:	
Hünäri:	

1. Bilkastlaýyn günäkärlenip bilinjek jenaýatyň ýa-da FIFA-nyň Ahlak kodeksiniň II-nji bölüminiň 5-nji babynda görkezilen özüňi alyp barşyň kadalaryny bozmak bilen baglanyşykly gutarnykly karar bilen iş kesilenmi?

Ýok ☐ Hawa ☐

Hawa bolsa, görkezmegiňizi haýyş edýäris:

2. Sport dolandyryş edarasy tarapyndan, FIFA-nyň Ahlak kodeksiniň II-nji bölüminiň 5-nji babynda görkezilen özüňi alyp barşyň kadalaryny bozýan hereketler üçin Size geçmişde düzgün-tertip ýa-da şuňa meňzeş sanksiýa ýa-da çäre görüldümi?

Ýok ☐ Hawa ☐

Hawa bolsa, görkezmegiňizi haýyş edýäris:

3. Siz jenaýat ýa-da düzgün-tertip temmilerine ýa-da derňewlere sezewar bolduňyzmy?

Ýok ☐ Hawa ☐

Hawa bolsa, görkezmegiňizi haýyş edýäris:

4. TFF-nyň Düzgün-tertip we ahlak kodeksiniň düzgünlerine we akýüreklilik meselelerini çözüp biljek TFF-nyň Tertipnamasyna we beýleki düzgünnamalaryna tabyn bolýandygymy doly bilýärin we şular ýaly düzgünleri doly ýerine ýetirýärin.

5. Häzirki wagtda futbolda şu aşakdaky wezipeleri eýeleýärin:

6. Aşakda görkezilen maglumatlar we ýagdaýlar, meniň bilen baglanyşykly bähbitleriň gapma-garşylyklarynyň döremegine sebäp bolup biler (esasan hem şu Tertipnamanyň 23-nji maddasynyň 23.9 bendine serediň):

7. Akýürekliligi barlamak bilen bagly ähtimal ähmiýete eýe bolup biljek bellikler we synlar:

8. Bu sowalnamanyň TFF-nyň degişli guramasynyň agzalary üçin elýeterlidigini doly bilýärin we onuň bilen ylalaşýaryn.

9. Akýüreklilik barlagyndan soň ýüze çykýan islendik maglumatlary we ýagdaýlary akýüreklilik barlagyny geçirýän edara habar bermelidigimi doly bilýärin we tassyklaýaryn.

10. Özümiň akýürekliligi barlamak bilen baglanyşykly degişli maglumatlary kesgitlemek üçin doly hyzmatdaşlyga borçlydygymy doly bilýärin we tassyklaýaryn. Hususan-da, resminamalary, maglumatlary ýa-da özümde saklaýan islendik başga resminamalara degişlilikde ýüz tutma edilen ýagdaýynda, ony kanagatlamaga çalşaryn. Mundan başga-da, resminamalary, maglumatlary ýa-da mende bolmadyk, ýöne olary almaga hukugym bolan islendik başga materiallary almak we olar bilen üpjün etmek şertlerini berjaý etmegi borçlanýaryn.

11. Akýüreklilik barlagyny geçirýan guramanyň mümkin bolup biljek sanksiýalar (ýokardaky 1-nji we 2-nji soraglar) barada FIFA-dan gös-göni ýa-da degişli konfederasiýada, şeýle hem Lozannadaky (Şweýsariýa) Sport Arbitraž Kazyýeti, Halkara Olimpiýa Komiteti ýaly beýleki guramalardan maglumat soralyp biljekdigini doly bilýärin we tassyklaýaryn. Şunuň bilen baglylykda, degişli edaralara degişli maglumat bilen baglanyşykly gizlinlik borçnamalaryndan boşadýaryn.

12. Akýürekliligi barlaýan edaranyň şu goşundynyň 2-nji bölüminiň 2-nji bendine laýyklykda men barada goşmaça maglumat toplap biljekdigini doly bilýärin we tassyklaýaryn.

_____ _____

(Ýeri we senesi) (Goly)

GOŞUNDY 2 - BAÝDAGY, NYŞANY WE LOGOTIPY

1. TFF-nyň nyşany - açyk ýaşyl reňkli futbol pökgüsiniň şekili. TFF-nyň nyşanynyň aşaky tarapynda "TFF" ýazgysy bar. Pökginiň şekiliniň merkezinde pökgili futbolçynyň şekili bar. Şekiliň içki tegeleginde "TÜRKMENISTANYŇ FUTBOL FEDERASIÝASY" diýen ýazgy bar.
2. TFF-nyň baýdagy - TFF-nyň nyşany suratlandyrylan açyk ýaşyl matadyr.